Demokratik institutlar we adam hukuklary boýunça edara

# TÜRKMENISTAN

## PARLAMENT SAÝLAWLARY
## 2023-nji ýylyň 26-njy marty

**DIAHE-nyň Saýlawlara baha bermek boýunça missiýasy**

**Jemleýji hasabat**

Warşawa
2023-nji ýylyň 9-njy oktýabry

## MAZMUNY


I. GYSGA MAZMUNY ..... 1
II. GIRIŞ WE MINNETDARLYK BILDIRMEK ..... 3
III. HABAR BERIJI MAGLUMATLAR WE SYÝASY BAGLANYŞYK ..... 4
IV. SAÝLAW ULGAMY WE HUKUK BINÝADY ..... 5
V. SAÝLAWLARY GECIRMEK ..... 7
VI. SAÝLAWÇYLARY BELLIGE ALMAK ..... 10
VII. DALAŞGÄRLERI BELLIGE ALMAK ..... 12
VIII. SAÝLAW MÖWSÜMI ..... 13
IX. SAÝLAW MÖWSÜMINI MALIÝELEŞDIRMEK ..... 14
X. KHBS (KÖPÇÜLIKLEÝIN HABAR BERIŞ SERIŞDELERI) ..... 15
A. MEDIA-GURŞAW ..... 15
B. KANUNÇYLYK BINÝADY WE SAÝLAW MÖWSÜMINI BEÝAN ETMEK ..... 16
XI. SAÝLAW JEDELLERINI ÇÖZMEK ..... 17
XII. RAÝAT WE HALKARA SYNY ..... 18
XIII. SAÝLAWLAR GÜNI ..... 19
A. ÖŇÜNDEN SES BERMEK WE SES BERMEK ..... 19
B. SESLERI SANAMAK, JEMLERI JEMLEMEK WE NETIJELERI YGLAN ETMEK ..... 20
XIV. MASLAHATLAR ..... 21
A. ILERI TUTULÝAN MASLAHATLAR ..... 22
B. BEÝLEKI MASLAHATLAR ..... 23
GOŞUNDY: GUTARNYKLY NETIJELER ..... 25
DIAHE BARADA ..... 28

# TÜRKMENISTAN
# PARLAMENT SAÝLAWLARY
# 2023-nji ýylyň 26-njy marty

**Saýlawlara baha bermek boýunça DIAHE-nyň missiýasynyň jemleýji hasabaty Report**[1]

## I. GYSGA MAZMUNY

Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň çakylygy boýunça ÝHHG-nyň Demokratik institutlar we adam hukuklary boýunça edarasy (DIAHE) 26-njy martda geçirilen parlament saýlawlaryna Saýlawlara baha bermek boýunça missiýany (SBBM) ýollady. Missiýa saýlaw işiniň ÝHHG-nyň borçnamalaryna, demokratik saýlawlaryň beýleki halkara borçnamalaryna we ülňülerine, şeýle-de milli kanunçylyga laýyklygyna baha berdi.

26-njy martdaky Parlament saýlawlary hakyky bäsdeşligiň we plýuralizmiň ýoklugynda, haçan-da, konstitusion kepilliklerine garamazdan, esasy azatlyklaryň örän çäklendirilen şertlerinde geçdi. Köpçülikleýin habar beriş serişdelerine döwlet tarapyndan berk gözegçilik edilýär, Internede çäklendirilen elýeterlilik bolsa, saýlawçylaryň maglumat almaga bolan hukuklaryny has hem çäklendirýär. Saýlawlara elýeterliligi ýokarlandyrmak babatda öz üstüne alan borçnamalaryna garamazdan, saýlawlaryň kanunçylyk binýady demokratik saýlawlaryny geçirmek üçin ygtybarly hukuk esasyny üpjün etmeýär, bu prosesiň ýeterlik derejede düzgünleşdirmesiniň ýoklugy bolsa, hukuk taýdan kesgitsizligiň döremegine sebäp bolýar. Saýlaw edarasynyň ýeterlikli garaşsyzlygy ýokdy, we saýlaw işini dolandyrmagyň dowamynda düýpli kemçilikler ýüze çykaryldy. Dalaşgärleri hödürlemek hukugy ozalkysy ýaly esassyz çaklendirilen, dalaşgärler bolsa, saýlawçylara çynlakaý syýasy alternatiwalary hödürlemediler. Saýlawlaryň öň ýanyndaky möwsüme we ony geçirmek üçin bölünip berilýän ähli maliýe serişdelerine MST tarapyndan berk gözegçilik edilýärdi we aýdyňlygy we saýlawçylaryň ähmiýetli gatnaşygyny üpjün etmeýärdi.

Türkmenistan Prezident respublikasy bolup durýar, kanun çykaryjy häkimiýet 125 sany deputatdan ybarat bolan parlamente degişli. Ýerine ýetiriji häkimiýet saklamagyň we deňagramlygyň netijesiz ulgamynda giň konstitusion ygtyýarlyklaryna eýe bolup durýar. Syýasy we institusional ýagdaý syýasy partiýalara çynlakaý alternatiwalary hödürlemäge ýol bermeýär, we tejribede saýlawlara gatnaşan ähli partiýalar Prezidenti goldaýardylar. Ýakyndaky konstitusion özgertmeler kanun çykaryjy häkimiýetiň şonsuz hem uly bolmadyk ornuny peseltdi.

Saýlawlaryň hukuk binýady umuman saýlawlary netijeli geçirmek üçin ýeterlikli däl we ondaky kemçilikler bolsa, MST tarapyndan degerli derejede düzgünleşdirilmeýär. Saýlawlar hakyndaky kanunçylyk we kadalaşdyryjy namalar, olaryň kabul edilendigi barada köpçülikleýin habar beriş serişdelerinde berilýän habarlary nazara almanyňda, jemgyýetçiligiň dykgatyna ýetirilmeýär we bu ýagdaý maglumatlara elýeterliligi we hukuk taýdan kesgitliligi peseldýär. Saýlaw kanunçylygyna ýakynda girizilen üýtgeşmeler diňe ýokarky palatanyň ýatyrylmagyna degişli bolan we DIAHE-nyň SBBM-nyň ozalky maslahatlaryny nazara almandyr.

Saýlawlar Saýlawlary we sala salşyklary geçirmek boýunça Merkezi topar (MST), şeýle-de okrug (OST) we uçastok (UST) saýlaw toparlary tarapyndan geçirildi. Bu we beýleki döwlet institutlarynyň orny we özara gatnaşyklary düşüniksiz, aşaky derejedäki toparlaryň agzalarynyň bolsa, adatça, öz wezipeleri we borçlary barada degişli düşünjeleri ýok. Toparlaryň agzalaryny bellemek prosesi saýlaw edaralarynyň garaşsyzlygyny we tarapgöýsizligini umuman üpjün etmeýär. MST-nyň işi aýdyňlygy bilen tapawutlanmaýardy, çünki açyk mejlisleriň we çap edilen çözgütleriň ýoklugynda geçdi, şeýle-de

[1] Şu hasabatyň iňlis dilindäki görnüşi ýeke-täk resmi nama bolup durýar. Türkmen we rus dillerine resmi däl terjimeleri bar.

OST-lary we UST-lary tarapyndan öz wezipelerini ýerine ýetirmeklerinde olaryň orny we jogapkärçiligi babatynda şübheler bardy.

MST-nyň maglumatlary görä, jemi 3 509 339 sany saýlawçylar, şol sanda daşary ýurtlardaky 42 sany diplomatik wekilhanalarda hasaba alnan. Saýlawçylaryň hemişelik döwlet sanawy ýok, saýlawçylaryň sanawy UST-lary tarapyndan her bir saýlawlaryň öňünden düzülýär we bu ýagdaý öňdebaryjy halkara tejribesine garşy gelýär. Birnäçe gezek bellige alynmagyň öňüni alyş çäreleri ýok. Ilatyň sany baradaky soňky maglumatlaryň ýoklugy saýlawçylaryň bellige alynmagynyň takyklygyna we gurşap alyjylygyna baha bermäge mümkinçilik bermeýär. Kanun ozalkysy ýaly, iş kesilenleriň we ruhy taýdan bozulmalary bolan adamlaryň saýlaw hukugyny çäklendirýär we bu ýagdaý halkara ülňülerine garşy gelýär.

MST-nyň maglumatlaryna görä, üç sany syýasy partiýalar we raýatlaryň toparlary tarapyndan hödürlenen 258 sany dalaşgärleriň ähli̇si bellige alnanlar. Dalaşgäri bellige almak üçin ýaşamaklygyň 10 ýyl möhleti baradaky talap we aýrylmadyk ýa-da öz-özünden aýrylmadyk iş kesilen aýby bolan adamlaryň saýlawlara gatnaşmaklaryna bolan gadaganlyk halkara ülňülerine garşy gelýär. DIAHE-nyň SBBM-nyň duşuşan OST-nyň käbir agzalary öz borçlaryna ýeterlik derejede düşünýändiklerini, şol sanda öz saýlaw okruglaryndaky dalaşgärleriň we/ýa-da olary hödürlän guramalaryň atlaryny bilýändiklerini görkezmediler, bu ýagdaý olaryň agzalan işdäki orny babatynda şübhe döredýär. Jemgyýetçilik we syýasy durmuşda zenanlaryň sanyny artdyrmak boýunça ýörite çäreler göz öňünde tutulmadyk, emma 41 sany zenan dalaşgärlerden (15,9%) 32 sanysy saýlanan (25,5%).

Kanunda dalaşgärlere saýlaw möwsüminiň çärelerini alyp barmaga we deň hukuklardan peýdalanmaga, saýlawçylar bilen duşuşyklary geçirmäge we KHBS-nyň elýeterli bolmagyna mümkinçilik berýän kadalar bar. Iş ýüzünde möwsümiň dowamynda hakyky bäsdeşlik ýok, saýlaw edaralary bolsa, çapdan çykýan KHBS-da dalaşgärleriň terjimehallaryny neşir etmek, olaryň öňünden ýazylan ýüzlenmelerini döwlet telewideniýesi boýunça ýaýlyma bermek we saýlawçylar bilen çäklendirilen duşuşyklary geçirmek ýaly birmeňzeş habar beriş çärelerini berk gurnaýardylar. Bu ýapyk çäreler mahabatlandyrylmady we saýlawçylar bilen mazmunly söhbetdeşligi öz içine almaýardy. Möwsümiň geçirilýändigi görnükli bolman, Prezidentiň we Milli Lideriň suratlary ýerleşdirilen mahabat germewleri her ýerde goýulandy. Çynlakaý syýasy alternatiwalaryň ýoklugy bilen bir hatarda bu ýagdaýlar dalaşgärleriň we saýlawçylaryň birleşikleriň, ýygnaklaryň we pikiri beýan etmegiň azatlygynyň elýeterliligine bolan hukugy, şeýle-de döwletiň we partiýanyň arasyndaky çäkleriň ýitmegi babatynda howatyrlanmalary döredýärdi.

Saýlaw çäreleri we onuň bilen baglanyşykly çykdaýjylar gönüden-göni saýlaw topary tarapyndan amala aşyrylýardy. Dalaşgärler hiç hili çykdaýjylary çekmediler. Kadalaşdyryjy hukuk binýat kanunda berkidilen garaşsyzlyk we syýasy göreşe gatnaşyjylar üçin plýuralizm ýörelgeleriniň netijeli durmuşa geçirilmegini üpjün etmek üçin ýeterlik däl.

KHBS çygrynda döwletiň ýekebaralygy höküm sürýär. Habarlar diňe Döwlet habar beriş agentliginiň üsti bilen ýaýradylýar, üç sany esasy teleýaýlymlaryň bolsa, bir bitewi habar beriş programmasy bar. KHBS-nyň direktorlary we baş redaktorlary Prezident tarapyndan bellenýärler. KHBS-nyň plýuralizminiň we garaşsyzlygynyň ýoklugy, şeýle-de mundan gelip çykýan maglumat taýdan boşluk saýlawçylara oýlanyşykly saýlamaga mümkinçilik bermeýär. Ýeketäk habarlar programmasy möwsümiň gidişini beýan etmeýärdi, we dalaşgärleriň hiç biri adaty öňünden ýazylan 10 minutlyk telewizion gepleşiginden daşary öz garaýyşlary barada gürrüň bermek mümkinçiligine gyzyklanma bildirmediler, bu ýagdaý möwsüm baradaky maglumatyň saýlawçylar üçin elýeterli bolmagyny has-da çäklendirdi.

Saýlaw kodeksi saýlawlaryň MST tarapyndan bellige alnan syýasy, raýat we halkara synçylarynyň saýlaw işiniň ähli tapgyrlaryna elýeterlik hukugynyň bardygyny göz öňüne tutýar. Jemgyýetçilik synçylary syýasy partiýalar, dalaşgärler, jemgyýetçilik birleşikleri we raýatlaryň toparlary tarapyndan hödürlenýär. Emma garaşsyz syn etmek işi garaşsyz guramaçylykly raýat jemgyýetiniň ýoklugy bilen

bökdelýär. Döwlet tarapyndan makullanan guramalaryň hiç biri usulyýete eýermeýärdi we bütin işe yzygiderli syn etmegi amala aşyrmaýardy. Kanuna we halkara tejribesine garamazdan, DIAHE-nyň SBBM işiň käbir böleklerine, şol sanda saýlaw toparlarynyň mejlislerine we jeminiň jemlenmegine syn etmäge goýberilmedi.

Kanun şikaýatlary we apellýasiýalary bermegiň ulgamyny göz öňüne tutýar we bu ýagdaý umuman kazyýet gözegçiligi hem-de şikaýat etmäge bolan hukuk baradaky halkara ýörelgelerine laýyk gelýär. Şikaýatlar saýlaw edaralaryna we kazyýetlere berlip bilinýär. Emma garaşsyz kazyýet edarasynyň elýeterli bolmagynyň kepillikleri ýeterlik däl, çünki saýlaw jedellerine garaýan ähli kazylar we MST-nyň agzalary Prezident tarapyndan bellenýärler. Saýlaw jedellerine garamagyň mehanizminiň netijeliligini entek barlamak gerek, çünki ne şu saýlawlarda,  ne-de öňki saýlawlarda şikaýatlar gelip gowuşmandyr.

DIAHE-nyň usulyýetine laýyklykda, DIAHE-nyň SBBM saýlawlar güni prosese yzygiderli we hemmetaraplaýyn syn etmedi. Saýlawlar güni rahat geçdi. Barlan saýlaw uçastoklarynyň uly bolmadyk sanynda DIAHE-nyň SBBM býulletenleriň ýörite taşlanylmagynyň we gatnaşyk baradaky maglumatlaryň çapraz gelmeginiň köp sanly alamatlaryny belledi. DIAHE-nyň ozal masalahat berişi ýaly, býulletenlere goşmaça gorag serişdeleri goşulandygyna garamazdan, barlan saýlaw uçastoklarynda mese-mälim maşgala ses berişligi ýa-da başga adamyň ýerine ses bermegi tejribelerine syn edildi, şunda barlan saýlaw uçastoklarynyň aglabasynda birmeňzeş gollaryň birnäçesine syn edildi. DIAHE-nyň SBBM-nyň syn eden ýerlerinde sesleri sanamagyň düzgüni berjaý edilmedi, we býulletenleriň ýörite taşlanylmagynyň goşmaça alamatlary bellendi, jeminiň jemlenilmegine bolsa, syn etmek başartmady. MST gutarnykly netijeleri 29-njy martda yglan etdi: 125 sany kanun çykaryjylaryň ählisi birinji tapgyrda saýlandylar.

Şu hasabatda Türkmenistandaky saýlawlary ÝHHG-nyň borçnamalaryna we beýleki halkara borçnamalaryna, hem-de demokratik saýlawlaryň ülňülerine laýyk getirmäge gönükdirilen tagallalary goldamak boýunça käbir maslahatlar hödürlenýär. Ileri tutulýan maslahatlar saýlawlar günündäki prosese, saýlaw möwsümine, köpçülikleýin habar beriş serişdelerine, saýlawlaryň guramaçylygyna we saýlawçylary bellige almaga degişlidirler. DIAHE häkimiýetlere saýlaw işini kämilleşdirmäge we şu hem-de öňki hasabatlardaky maslahatlary ýerine ýetirmekde ýardam bermäge taýýar.

## II. GIRIŞ WE MINNETDARLYK BILDIRMEK

Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň (DIM) çakylygy boýunça 26-njy martdaky parlament saýlawlaryna syn etmek üçin we özüniň mandatyna laýyklykda, ÝHHG-nyň Demokratik institutlar we adam hukuklary boýunça edara (DIAHE) bu saýlawlara Saýlawlara baha bermek boýunça missiýany (SBBM) ýollady.[2] Koriýen Ýonker tarapyndan ýolbaşçylyk edilýän DIAHE-nyň SBBM-nyň düzümine ÝHHG-a gatnaşyjy döwletleriň bäşisinden saýlawlar boýunça alty sany bilermen girýärdi. 12-nji martdan 30-njy mart aralygynda DIAHE-nyň SBBM-sy Aşgabatda boldular, ýöne bilermenler şeýle-de saýlawlardan öň we saýlawlar güni Ahal welaýatyna baryp gördüler.

Saýlaw işine ÝHHG-nyň borçnamalaryna, beýleki halkara borçnamalara we demokratik saýlawlaryň ülňülerine, şeýle-de milli kanunçylyga laýyklygy babatynda baha berildi. DIAHE-nyň usulyýetine laýyklykda, DIAHE-nyň SBBM saýlawlar güni saýlawlaryň gidişine yzygiderli we hemmetaraplaýyn syn etmedi. Emma missiýanyň agzalary saýlaw uçastoklarynyň çäkli sanyna açylan, ses berlen we ses sanalan wagty baryp gördi.

DIAHE-nyň SBBM Türkmenistanyň häkimiýetlerine saýlawlara syn etmäge çakylygy üçin, şeýle-de

[2] Ser. Türkmenistan boýunça DIAHE-nyň ozalky hasabatlary.

DIM-e we onuň ÝHHG-daky wekiliýetine, Saýlawlar we sala salşyklar boýunça Merkezi toparyna (MST) we beýleki döwlet hem-de häkimiýetiň ýerli edaralaryna beren kömegi we hyzmatdaşlygy üçin minnetdarlygyny bildirýär. DIAHE-nyň SBBM şeýle-de syýasy partiýalaryň, dalaşgärleriň, jemgyýetçilik birleşikleriniň wekillerine, KHBS-ne, ÝHHG-a gatnaşyjy döwletleriň ilçihanalaryna we halkara guramalaryna hyzmatdaşlygy üçin minnetdarlygyny, şeýle-de ÝHHG-nyň Aşgabatdaky Merkezine hyzmatdaşlygy we goldawy üçin aýratyn minnetdarlygyny bildirýär.

## III. HABAR BERIJI MAGLUMATLAR WE SYÝASY BAGLANYŞYK

Türkmenistan Prezident respublikasy bolup durýar. 2022-nji ýylyň martynda möhletinden öň geçirilen prezident saýlawlarynda häkimiýetiň başynda 15 ýyl bolan Gurbanguly Berdimuhamedowyň özüniň gitmeginden soňra Serdar Berdimuhamedow ýeňiş gazandy. [3] 2016-njy ýylyň Konstitusiýasy häkimiýetleriň bölünişigini göz öňünde tutýar, emma tejribede parlament babatynda giň konstitusion ygtyýarlyklary amala aşyrýan ýerine ýetiriji häkimiýetiň işine gözegçilik etmegiň netijeli mehanizmi ýok.[4]

Kanun çykaryjy häkimiýet bäş ýyl möhleti bilen saýlanylýan parlamente *(Mejlise)* degişlidir. 26-njy martda geçiriljek parlament saýlawlary 12-nji ýanwarda bellendi. [5] Mejlis kanun çykaryjylyk başlangyjyna bolan hukugyny institutlaryň giň topary, şol sanda Prezident, Ýokary kazyýet, şeýle-de täze döredilen Halk Maslahaty we häzirki Prezidentiň kakasy ozalky Prezident Gurbanguly Berdimuhamedowyň şu wagtda eýeleýän Milli Lideriň diwany bilen paýlaşýar. Mejlisiň wekilleri bolup durýan DIAHE-nyň SBBM-nyň söhbetdeşleriniň sözlerine görä, kanun çykaryjylar täze kanunlary goldap, biragyzdan yzygiderli ses berýärler, we kanun taslamasynyň hiç biri diýen ýaly ret edilmeýär.[6]

Syýasy ýagdaý üýtgewsizligine galýar we öňküsi ýaly çynlakaý plýuralizmden mahrumdyr: bellige alnan üç sany syýasy, şol sanda oppozision partiýalaryň ählisi Prezidenti we Milli Lideri goldaýarlar hem-de syýasy alternatiwalary hödürlemeýärler. 2018-nji ýylyň martynda saýlanan kanun çykaryjy edaranyň möhleti tamamlanýan düzümine üç partiýanyň ählisi tarapyndan hödürlenen wekilleri girip, olar umumylykda ýerleriň üçden iki böleginiň azyragyny eýeleýärdiler, galanlary bolsa – raýatlaryň toparlary tarapyndan hödürlenendi. [7] Birleşikleriň azatlygynyň we parahatçylykly ýygnaklaryň konstitusion kepillendirmelerine garamazdan, tejribede raýat jemgyýetiniň garaşsyz guramalarynyň we syýasy partiýalaryň döredilmegi ozalkysy ýaly berk çäklendirilen, jemagat ýygnaklary bolsa, gadagan

---

3 DIAHE onlaýn görnüşde ZBBM (Zerurlyklara baha bermek missiýasy) geçirdi, emma 2022-nji ýylda möhletinden öň geçirilen prezident saýlawlaryna syn etmedi.

4 Ser. 2016-njy ýyl üçin DIAHE-nyň Türkmenistanyň Konstitusiyasynyň taslamasyna teswirleri. Prezident Ministrler Kabinetini düzmäge we ýolbaşçylyk etmäge, welaýatlaryň, etraplaryň we şäherleriň häkimlerini, Ýokary kazyýetiň we beýleki kazyýetleriň ähli kazylaryny, Saýlawlary we sala salşyklary geçirmek boýunça Merkezi toparyň (MST) ähli agzalaryny wezipä bellemäge we boşatmaga bolan hukuga eýedir.

5 26-njy martda şeýle-de häkimiýetiň sebit, etrap we ýerli edaralaryna saýlawlar geçirildi. Bäş welaýatyň ählisinde saýlawçylar dört býulleten, Aşgabatda-üç býulleten bilen ses berip bildiler (paýtagtda etrapdan ýa-da şäherdäki etrapdan pes ýerli öz-özüňi dolandyryş edarasy ýok).

6 Parlamentiň kanun çykaryjylyk işi we geçiren umumy ses berişlik baradaky hasabatlary açyk elýeterlikde ýok. Soralandygyna garamazdan, DIAHE-nyň Saýlawlara baha bermek baradaky missiýasy (SBBM) hem şeýle maglumaty alyp bilmedi.

7 Türkmenistanyň Kommunistik partiýasynyň hukuk oruntutary bolmak bilen, Demokratik partiýa (DP) 2012-nji ýyla çenli bellige alnan ýeketäk syýasy partiýady. 2018-nji ýylda Demokratik partiýa (DP) 55 sany okrugda, Agrar partiýa (AP) we Senagatçylar we telekeçiler partiýasy (STP) – her haýsy 11 okrugda saýlandy (raýatlaryň topary tarapyndan hödürlenen 1 deputat soňra AP-nyň düzümine girdi). Möhleti tamamlanýan deputatlaryň kyrk ýedisi raýatlaryň toparlary tarapyndan hödürlenen.

edilen.[8] 2015-nji ýyldan bäri ýekeje-de täze syýasy partiýa bellige alynmady. Ýurtda garaşsyz raýat jemgyýeti ýok, bar bolan guramalaryň ählisi hökümetiň saýasynda işleýär.[9] Esasy azatlyklaryň bu we beýleki dowam edýän çäklendirmeleri halkara ülňülerine, ÝHHG-nyň borçnamalaryna we BMG-nyň Adam hukuklary boýunça komitetiniň maslahatlaryna garşy gelýär.[10]

Erkekleriň we aýallaryň deň hukuklary Konstitusiýada we kanunçylykda berkidilen.[11] Hökümet öz üstüne ähli çygyrlarda has ýokary gender deňligini üpjün etmek boýunça borçnamany aldy, emma jemgyýetçilik we syýasy durmuşda zenanlaryň sany pes bolmagynda galýar.[12]

## IV. SAÝLAW ULGAMY WE HUKUK BINÝADY

Bir palataly Mejlisiň 125 sany agzasy bir mandatly saýlaw okruglary boýunça göni saýlawlar arkaly bäş ýyl möhlet bilen saýlanýarlar. Saýlanmak üçin dalaşgär saýlawlara gatnaşan saýlawçylaryň sesleriniň 50% -den gowragyny almaly. Bolmasa, iki hepdäniň dowamynda sesleriň has köpüsini alan dalaşgärleriň ikisiniň arasynda ikinji tapgyr geçirilýär.

Saýlaw okruglary diňe saýlawlary geçirmek üçin döredilýär we ýurduň adminstratiw gurluşyna laýyk gelmeýär. Saýlaw kodeksi 125 sany saýlaw okruglarynyň çäkleriniň we atlarynyň saýlaw topary tarapyndan kesgitlenmelidigini we saýlawlara çenli 70 günden gijä galman köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň üsti bilen ilatyň dykgatyna ýetirilmelidigini göz öňüne tutýar, emma bu ýagdaý öňdebaryjy halkara tejribesine laýyk gelmeýär, çünki oňa laýyklykda kanunçylyk binýadynyň esasy

---

8 BMG-nyň Adam hukuklary boýunça komiteti “Syýasy partiýalaryň döredilmeginiň we hereket etmeginiň aşa çäklendirmeleri” sebäpli ynjalyksyzlygyny bildirdi we gatnaşyjy Döwlete “zerur bolmadyk gatyşmalarsyz syýasy partiýalaryň degişli derejede hereket etmegini kepillendirmek üçin ähli gerek çäreleri görmegi” we syýasy partiýalary döretmäge islendik çäklendirmeleriň dar manyda düşündirilmegini hem-de kanunylyk, zerurlyk we deňagramlyk ýörelgeleriniň berk berjaý edilmegini üpjün etmegi maslahat berdi. Bu maksat bilen ol öz düzgünlerini we tejribesini Paktyň syýasy partiýalary döretmegi, bellige almagy we hereket etmegini düzgünleşdirýän 19, 22 we 25-nji maddalaryna we degişli halkara ülňülerine doly laýyk getirmeli”. Ser. BMG-nyň Adam hukuklary boýunça komitetiniň (AHK) Türkmenistanyň ikinji döwürleýin nutugy boýunça Jemleýji bellikleri, 2017-nji ýylyň 20-nji apreli, 46-49-njy bentler.

9 Ýurtda 135 sany jemgyýetçilik birleşigi, esasan, sport we dynç alyş çygrynda bellige alnan. Öňdebaryjy birleşikler uly milli düzüme eýe bolup, olaryň arasynda has ähmiýetlileri Ýaşlar guramasy (900 müň agza) we Zenanlar guramasy (880 müň agza) bolup durýar. Guramalaryň ikisi hem döwlet býujetinden subsidirlenýärler we öz tertipnamalarynda Prezidente we onuň syýasy görkezmelerine wepalydygyny bildirýärler. Maýyplaryň meseleleri bilen meşgullanýan guramalaryň bardygyna garamazdan, Türkmenistanda garaşsyz adam hukuklaryny goramak boýunça gurama bellige alynmadyk.

10 BMG-nyň Adam hukuklary boýunça komiteti «ýygnaklaryň başga pikiriň beýan edilmegi üçin yzarlanmalardan gorkulýandygy sebäpli seýrek geçirilýändigini we [...] rugsat berlen ýygnaklary geçirmek üçin ýeterliksiz ýerleriň niýetlenendigini” belledi. Ol şeýle-de “häkimiýetler tarapyndan guralýan dürli köpçülikleýin çärelere gatnaşmak üçin, ilatyň zorlukly köpçülikleýin üýşürilýändigi baradaky habarlar (19 we 21-nji maddalar)” sebäpli ynjalyksyzlygyny bildirdi. Ser. BMG-nyň AHK-nyň Türkmenistanyň ikinji döwürleýin nutugy boýunça Jemleýji bellikleri, 2017-nji ýylyň 20-nji apreli, ýygnaklaryň azatlygyna elýeterlilik hakynda 44-45-nji bentler we pikiri beýan etmegiň azatlygyna elýeterlilik hakynda 42-43-nji bentler.

11 2020-nji ýylyň dekabrynda hökümet Gender deňligi boýunça 2021-2025-nji ýyllar üçin Hereketleriň milli meýilnamasyny kabul etdi, onda durmuşyň ähli çygyrlarynda gender deňligine mundan beýläk ýardam bermek we ösdürmek üçin milli maksatlar, wezipeler we ileri tutmalar kesgitlenendir. 2021-nji ýylyň aprelinde Türkmenistan “BMG - Zenanlar” gurluşynyň Ýerine ýetiriji geňeşiniň agzasy hökmünde saýlandy.

12 Zenanlar kanun çykaryjy edarada möhleti tamamlanýan 125 ýerden 31 sanysyny (25%) eýeleýärdiler. Möhleti tamamlanýan Mejlisiň spikeri zenandy, ýöne gaýtadan saýlanjak bolmady. Ministr wezipeleriniň 22-sinden diňe 1-ni zenan eýeleýär (Bilim ministri). Şeýle-de, Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň 10 sany Orunbasarlarynyň wezipelerinden 1-ni zenan eýeleýär (KHBS we medeniýet boýunça). Bu saýlawlara gatnaşan ähli zenan dalaşgärler 2018-nji ýyldaky saýlawlara çenli parlamentde wekilçiligi bolan Zenanlar guramasynyň – öňdebaryjy döwlet jemgyýetçilik birleşiginiň agzalary bolup durýarlar.

elementleri saýlawlardan soňra bir ýylyň dowamynda üýtgedilmeli däl.[13] Öňdebaryjy halkara tejribesine laýyklykda, kanun her bir saýlaw okrugyndaky saýlawçylaryň sanynyň birmeňzeş bolmagyny we ilatyň ortaça sanynyň 10% ýa-da daş etraplarda 15% ýokary bolmazlygyny tabşyrýar. MST bu saýlawlar üçin saýlaw okruglarynyň içerki migrasiýany nazara almak bilen gaýtadan düzülendigi hakynda DIAHE-nyň SBBM-a habar berdi.[14]

*Halkara öňdebaryjy tejribesine laýyklykda, saýlaw okruglarynyň çäkleri saýlawlara çenli azyndan bir ýyl galanda kesgitlenmeli.*

Hukuk binýady, esasan, 2023-nji ýylda girizilen üýtgetmeler we goşmaçalar bilen 2016-njy ýylyň Konstitusiýasyndan we 2023-nji ýylda girizilen üýtgetmeler we goşmaçalar bilen 2013-nji ýylyň Saýlaw kodeksinden durýar. Mundan beýläkki ösüşe kanunçylyk MST-nyň çözgütlerinde eýe bolýar. Türkmenistan saýlaw ülňülerine degişli halkara resminamalarynyň gatnaşyjysy bolmak bilen, olaryň göni ulanylmagy Konstitusiýa tarapyndan hem, Saýlaw kodeksi tarapyndan hem aýdyň ykrar edilýär.[15]

2023-nji ýylyň 21-nji ýanwarynda iki palataly kanun çykaryjy edaranyň – Milli Geňeşiň bilelikdäki Mejlisinde parlamentiň ýokary palatasy biragyzdan ses bermek arkaly ýatyryldy we ýurt bir palataly parlamenta gaýdyp geldi.[16] Halk Maslahaty “döwlet häkimiýetiniň ýokary edarasy” hökmünde dikeldilip, bu ýagdaý parlamentiň ornuny has hem çäklendirýän ýerine ýetiriji we kanun çykaryjy häkimiýetiň goşmaça gatlagyny döretdi.[17] Täze kanunçylyga laýyklykda, ozalky Prezident Gurbanguly Berdimuhamedow täze döredilen Türkmen halkynyň Milli Lideri we Halk Maslahatynyň Başlygy wezipesine bellenildi.[18] Bu üýtgeşmeleriň jemi netijesi saklamagyň we deňagramlygyň demokratik ulgamlaryna has hem täsir etdi we bu ýagdaý häkimiýetiň şahalarynyň arasynda ygtyýarlyklaryň paýlanylmagynyň ýoklugyna getirdi.

---

[13] Ýewropa Bileleşiginiň Hukugyň üsti bilen demokratiýa üçin komissiýasynyň (Wenesiýa komissiýasy) 2002-nji ýyldaky Saýlaw meselelerinde laýyk tejribesi kodeksiniň (Laýyk tejribesiniň kodeksi) II.2.b bölümi.

[14] Saýlawlardan soň neşir edilen maglumatlara görä, her bir saýlaw okrugynda 26 085-den 31 602-ä çenli saýlawçylar hasaplanan. 2018-nji ýyldaky parlament saýlawlary bilen deňeşdirilende, Aşgabat şäherinde we Ahal welaýatynda goşmaça 1 okrugdan döredilen, netije-de okruglaryň sany degişlilikde 17-ä we 16-a çenli artan. Lebapda olaryň sany 28-den 26-a çenli azalan.

[15] Şol sanda Raýat we syýasy hukuklar hakynda halkara Pakty (RSHHP) we onuň Fakultatiw Teswirnamasy, Ykdysady, durmuş we medeni hukuklary hakynda halkara Pakty, Ten reňki boýunça kemsidilmäni ýok etmek hakynda Konwensiýa, Maýyplaryň hukuklary hakynda Konwensiýa, Zenanlar babatynda kemsidilmäniň ähli görnüşlerini ýok etmek hakynda Konwensiýa (CEDAW) we onuň Fakultatiw Teswirnamasy.

[16] Parlamentiň 56 ýerden ybarat ýokary palatasy 2020-nji ýylyň sentýabr aýynda döredildi, soňky (göni däl) saýlawlar 2021-nji ýylyň mart aýynda geçirildi. 2017-nji ýylda girizilen düzedişlere görä, ozalky Halk Maslahaty ýerine ýetirilmegi üçin hökmany bolan, şol sanda, oňa ýolbaşçylyk edýän Prezident tarapyndan ýerine ýetirilmäge degişli çözgütleri kabul etmek hukuk berilen ýokary wekilçilikli edara hökmünde konstitusion taýdan kesgitlenen. Düzümi boýunça birmeňzeş bolan Halk Maslahaty 2008-nji ýylda ýatyryldy. Wenesiýa komissiýasynyň 2002-nji ýyldaky Laýyk tejribesiniň kodeksiniň II.3.b. bölümi “saýlaw kanunçylygynyň esas goýujy elementlerine [...] saýlawlara çenli bir ýyldan az bolan möhletiň içinde üýtgetmeleri girizmek üçin açylmaly däldigini” göz öňüne tutýar.

[17] Eger-de ozal Halk Maslahaty hakykat ýüzünde kanun çykaryjy edaranyň ýokarky palatasy bolan bolsa, indi düzümine 2 müň adam girip bilýän täze edara ýokary konstitusion ygtyýarlyklar berlen garaşsyz wekilçilikli gurluşy emele getirýär. Onuň esasy ygtyýarlyklary hökmünde “döwlet ähmiýetli meseleleri çözmek” we “Türkmenistanda halkyň bähbitlerine wekilçilik etmek” diýip, yglan edilen. 2023-nji ýyldaky “Halk Maslahaty hakynda” Kanunyň käbir kadalary bulaşyk bolup durýar we täze edara parlamentiň ornuny has-da kemeldýän artykmaçlygyň berilendigi hökmünde düşünilip bilner. Mysal üçin, kanunda “döwlet ähmiýetli meseleleriň” ýa-da “Türkmenistanyň halkynyň bähbitleriniň” nämedigi kesgitlenmedik, Halk Maslahatynyň Konstitusiýa ýa-da kanunlara haýsy düzedişleri girizmelidigine garap we kabul edip bilýändigi görkezilmedik.

[18] Halk Maslahatynyň Başlygy Milli Lideri bolup, ol kanunda ozalky Prezident Gurbanguly Berdimuhamedow diýlip göni atlandyrylan. Bu edaranyň düzümine Prezident, parlamentiň (Mejlisiň) Başlygy, Ministrler Kabineti, Baş prokuror, Adalatçy, welaýat, etrap we şäher geňeşleriniň agzalary, syýasy partiýalaryň we jemgyýetçilik birleşikleriniň ýolbaşçylary, şeýle-de jemgyýetiň wekilleri, şol sanda ýaşulular girýärler. Girizilen düzedişleriň netijesinde parlament babatda giň konstitusion ygtyýarlyklara eýe bolan Milli Liderden we Prezidentden ybarat bolan iýerarhiki ýerine ýetiriji duopoliýa döredildi, netijede Mejlisiň orny has-da peseldildi.

Saýlaw gününe çenli bir hepde galanda Konstitusiýa girizilen soňky üýtgeşmeleri nazara almak bilen kanunçylyga girizilen üýtgeşmeler, şol sanda 19-njy martda çap edilen Mejlis hakynda täze Kanun we 22-nji martda çap edilen Saýlaw kodeksine girizilen üýtgeşmeler güýje girdi.[19] Üýtgeşmeler DIAHE-nyň SBBM-nyň ozalky maslahatlaryny nazara almaýar we mundan beýläk-de, şol sanda saýlaw hukuklary, saýlaw toparlaryny döretmek, saýlaw okruglaryň delimitasiýasy, saýlawçylaryň sanawlaryny düzmek, saýlaw möwsümlerini geçirmegiň düzgünleri we saýlaw möwsümlerini maliýeleşdirilmek, şeýle-de şikaýatlara we apellýasiýalara degişli kadalar babatynda özgerdilmegi talap edilýär.

*Indiki saýlawlara çenli saýlaw kanunçylyk binýadyny halkara ülňülerine we borçnamalaryna laýyk getirmek, konstitusion taýdan goralýan hukuklary we azatlyklary kepillendirmek, ýetmezçilikleri we iki manyly jümleleri aýyrmak, şeýle-de DIAHE-nyň ozalky maslahatlaryny ýerine ýetirmek üçin, oňa işjeň ýagdaýda gatnaşylýan we maslahatlaşmagyň esasynda öňünden gaýtadan seredilmeli.*

Konstitusiýa gizlin ses bermekde ählumumy, deň, göni saýlaw hukugynyň esasynda esasy azatlyklary we saýlamaga hem-de saýlanmaga bolan hukugyny kepillendirýär. Saýlaw kodeksinde dolandyryşyň ähli derejelerinde saýlawlary gurnamak üçin zerur bolan, şol sanda saýlawlary gurnamak, saýlawçylary we dalaşgärleri bellige almak, saýlaw möwsümini geçirmek we şikaýatlary bermek babatdaky köp kadalar beýan edilýär. Emma, umuman kanunçylyk binýady ýeterlik däl. Kanunlar neşir edilmeýär-de, olar iki sany, biri türkmen dilindäki, beýlekisi bolsa – rus dilindäki döwlet gazetlerinde neşir edilenden soňra, güýje girýärler.[20] Edil şolar ýaly hem, MST-nyň çözgütleri we kararlary elektron görnüşinde elýeterli däl-de, jemgyýetçiligiň dykgatyna gazetleriň üsti bilen ýetirilýär. Şular ýaly tejribe gyzyklanýan taraplary, şol sanda, aşaky derejedäki saýlaw edaralary degişli hukuk tekstlerine elýeterliligi almagy üçin, köpçülikleýin habar beriş serişdelerine bil baglamaga mejbur edýär, bu ýagdaý bolsa, maglumata elýeterliligi we hukuk taýdan kesgitliligi peseldýär. Kanunçylyk aýanlygy hem jemlenen kanunlaryň we kadalaşdyryjy namalaryň açyk elýeterlilikde ýoklugy sebäpli peselýär. Mysal üçin, kanunlaryň jemlenen görnüşleri MST-nyň ýa-da parlamentiň web-sahypalarynda ýerleşdirilmedik.

*Aýanlygy, hukuk taýdan düşnükliligi we jemgyýetçilik gyzyklanmasyny döredýän maglumatyň elýeterliligne bolan hukugy ýokarlandyrmak üçin, hem kadalaşdyryjy, hem-de kanun çykaryjy hereket edýän kanunçylyk ähli gyzyklanýan taraplara elýeterli görnüşde onlaýn tertipde berilmeli.*

## V. SAÝLAWLARY GECIRMEK

Saýlawlary tabynlygynda 6 sany sebit (welaýat) saýlaw toparlary (WST) 49 sany etrap saýlaw toparlary (EST), 125 sany okrug saýlaw toparlary (OST), 572 sany ýerli saýlaw toparlary (ÝST) we takmynan 2 644 sany uçastok saýlaw toparlary (UST), şol sanda, Türkmenistanyň daşary ýurtlardaky diplomatik wekilhanalarynda 42 sanysy bolan MST amala aşyrýar.[21] Ähli derejedäki toparlar dürli döwürlerde bäş ýyl möhlete bellenýärler.[22] Mejlise saýlawlar MST, OST we UST tarapyndan geçirilýär, şunda WST-nyň we EST-nyň orny çäklendirilen.

---

[19] Parlamentiň ýokary palatasyna göni däl saýlawlara bagyşlanan VI baby aýryldy. Käbir halatlarda milli gazetlerde habarlaryň neşir edilmegi hakynda talap girizildi.

[20] Ähli hukuk namalar “Türkmenistan” gazetinde türkmen dilinde we ýurtdaky ýeke-täk giň möçberli «*Нейтральный Туркменистан*» gazetinde rus dilinde neşir edilmeli.

[21] Ýurduň çäklerinden daşarda ses berişligiň netijelerini hasaplamak Daşary işler ministrliginiň ýerleşýän Aşgabatdaky № 7 saýlaw okrugynda amala aşyrylýar. Kanun MST-a daşary ýurtda berlen sesiň haýsy şähere ýa-da etraba degişlidigini çözmäge mümkinçilik berýär. № 7 okrugdaky saýlawçylaryň umumy sany 18 483 sany adam bolup, öňdebaryjy halkara tejribesine garşy ortaça görkezijiden 15% ýokary geçýär.

[22] MST-nyň, UST-nyň we ÝST-nyň ygtyýarlyk möhletleri 2022-nji ýylda, WST-nyň we OST-nyň ygtyýarlyk möhletleri 2021-nji ýylda, UST-nyň bolsa, 2019-njy ýylda başlanýar.

MST hemişelik hereket edýän edara bolup, onuň düzümine Prezident tarapyndan syýasy partiýalar we jemgyýetçilik birleşikleri bilen ylalaşmak arkaly hödürlenýän we bellenýän 15 sany agza girýär. DIAHE-nyň ozalky maslahatlaryna garamazdan we halkara ülňülerine hem-de öňdebaryjy tejribä garşy, agzalary bellemek düzgüni, saýlap-seçip almak boýunça jemgyýetçilik bilen maslahatlarynyň we parlament çekişmelerini ýoklugy MST-nyň garaşsyzlygyna we tarapgöýsüzligine ýaramaz täsir edýär.[23] MST-nyň işine gatyşylmakdan kepillendirilmeýändigi we aýdyňlyk babatda talaplaryň bildirilmeýändigi öňküden hem beter onuň garaşsyzlygyny gowşadýar.[24]

Saýlaw administrasiýasynyň her bir aşakda durýan derejesi ýokarda durýan topar tarapyndan syýasy partiýalaryň, jemgyýetçilik birleşikleriniň we raýatlaryň toparlarynyň hödürlemegi boýunça bellenýär.[25] DIAHE-nyň SBBM-nyň duşuşan OST-nyň we UST-nyň agzalarynyň aglabasy OST-nyň we UST-nyň ýerleşýän olaryň hünär iýerarhiýasyny şöhlelendirýän ýolbaşçy gurluşly edaralarynyň işgärleri bolup durýarlar.[26] Bu görnüşdäki çäreler saýlaw toparlarynyň umuman we onuň aýratyn agzalarynyň garaşsyzlygyny üpjün etmeýärler.

Zenanlar saýlaw toparlarynda, esasan hem toparyň başlygy, orunbasary we kätibi wezipelerinde ýeterlik derejede görkezilmedik. MST-nyň agzalarynyň bäşisi zenan bolup, olaryň hiç biri ýolbaşçy wezipäni eýelemeýärler. Alty sany WST-nyň 66 sany agzalarynyň arasynda 13 sanysy zenanlar bolup durýarlar (12,7 göterim), şunda diňe iki sanysy ýolbaşçy wezipäni eýeleýärler. Zenanlar EST-nyň agzalarynyň 32,3%, OST-nyň agzalarynyň – 41,8%, ÝST-nyň agzalarynyň – 40% we UST-nyň – 43,4% düzýärler, şunda açyk çeşmelerde ýolbaşçy wezipeleri eýeleýän zenanlaryň sany barada maglumatlar ýok.[27]

*Saýlaw toparlarynyň ähli derejelerde hökümetden garaşsyzlygynyň kepilliklerini girizmek gerek. Saýlaw toparlarynyň garaşsyzlygyny üpjün etmek üçin, toparlaryň düzümi olaryň agzalarynyň işleýän edaralaryndaky wezipeleriniň hünär iýerarhiýasyny gaýtalamaly däldir. Saýlaw administrasiýasynyň ähli derejelerinde geňder deňagramlylygyny gowulandyrmagyň mehanizmine garamak gerek.*

Kanuna laýyklykda, WST-lary OST-laryny goldamakda çäkli administratiw we logistiki orny eýeleýärler, EST-lary bolsa, UST-laryny döredýärler. OST-lary Mejlise saýlawlary geçirmekde, şol sanda dalaşgärleri bellige almakda, olaryň saýlaw möwsüminiň çärelerini gurnamakda we netijeleri

[23] RSHHP-nyň (Raýat we syýasy hukuklar hakyndaky halkara paktynyň) 25-nji maddasyna BMG-nyň Adam hukuklary boýunça komiteti tarapyndan 1996-njy ýylda kabul edilen 25 belgili Umumy Belligiň 20-nji bendi "saýlaw işine gözegçilik etmek we onuň adalatly, tarapgöýsüz geçirilmegini üpjün etmek üçin, Pakt bilen ylalaşykly bellenen kanunlara laýyklykda, garaşsyz saýlaw edarasynyň döredilmegini" talap edýär. Wenesiýa toparynyň 2002-nji ýyldaky Laýyk tejribesiniň kodeksiniň II.3.1.a, II.3.1.b we II.3.1.c bölümleri "saýlawlar tarapgöýsüz edara tarapyndan [amala aşyrylmalydygyny]", "tarapgöýsüz edaranyň saýlaw kanunçylygynyň ulanylyşyna jogap bermelidigini" we "administratiw edaralaryň syýasy häkimiýete eýe bolanlardan garaşsyzlygynyň birwagtky däbiniň ýok ýerlerinde, milli derejeden başlap, saýlaw uçastoklary derejesine çenli - ähli derejelerde, garaşsyz, tarapgöýsüz saýlaw toparlary döredilmelidigini" göz öňünde tutýar.

[24] Mysal üçin, saýlawlary guramagyň we çözgütleri kabul etmegiň aýdyňlygyny kepillendirýän kanunçylyk taýdan berkidilen çäreler ýok. Şeýle-de, Prezident kanunçylyk prosessiz ýa-da MST tarapyndan düzgünleşdirilmezden saýlawlaryň guralyşyna gatyşyp bilýär diýen düşünje bar – mysal üçin, käbir saýlaw uçastoklarynda web-kameralary gurnamak tejjribesi kanuna ýa-da düzgünleşdirmä esaslanman, şol wagtky Prezidentiň 2018-nji ýyldaky teklibine esaslanýar.

[25] DIAHE-nyň SBBM-nyň duşuşan aşaky derejedäki toparlarynyň agzalarynyň käbirleri dalaşgärleri hödürlemek prosesi barada habardarlygyny görkezip bilmediler. Käbir halatlarda toparlaryň düzümine şol bir gurama tarapyndan hödürlenen birnäçe agzalar girýärdiler. Kanunda guramanyň mejlisinde diňe bir agza hödürlenip bilner diýlip aýdylýan hem bolsa, onda näçe mejlis geçirilip bilinýändigi görkezilmedik.

[26] Köp halatlarda mekdeplerde we uniwersitetlerde hereket edýän UST-laryna olaryň rektorlary ýa-da direktorlary tarapyndan ýolbaşçylyk edilýär.

[27] Beýlekileriň hatarynda, ÝHHG-nyň 1991-nji ýyldaky Moskwa resminamasynyň 40.13 bendinde gatnaşyjy Döwletleri "zenanlaryň ýagdaýyna barabar baha bermek, gözegçilik etmek we gowulandyrmak üçin maglumatlary ýygnamagy we seljermegi üpjün etmegi" borçlandyrýar. Şeýle-de, CEDAW komiteti tarapyndan 1989-njy ýylda kabul edilen 9 belgili Umumy maslahatyna (A/44/38) we 2015-nji ýylda kabul edilen BMG-nyň 2030-njy ýyla çenli döwür üçin Durnukly Ösüş üçin Gün tertibiniň 17.18 maksadyna ser.

bellemekde esasy orny eýeleýärler. UST-lary saýlawçylaryň sanawlaryny düzmegi, ses berişligi we sesleri sanamagy, şeýle-de netijeleri UST-laryna bermegi gurnamak üçin jogap berýärler. DIAHE-nyň SBBM-nyň käbir bellikleri degişli toparlaryň öz käbir tertipnamalaýyn borçlaryny hakykat ýüzünde ýerine ýetirmekleriniň derejesinde şübhe döretdiler.

Saýlawlaryň umumy dolandyrylyşy aýdyňlygy bilen tapawutlanmady.[28] MST üç sany mejlis geçirdi, olary ählisi DIAHE-nyň SBBM-nyň gelmezinden öň saýlawlar gününe iki hepde galanda geçirilen. Beren birnäçe ýüz-tutmasyna garamazdan, DIAHE-nyň SBBM-na MST-nyň 29-njy martda çap edilen netijelere bagyşlanan jemleýji mejlisine gatnaşmaga rugsat berilmedi. Gün tertibi we mejlisleriň teswirnamalary neşir edilmedi we DIAHE-nyň SBBM-sy olary görüp bilmedi. MST-nyň web-sahypasynda saýlaw okruglarynyň delimitasiýasy hakynda habar we saýlaw toparlarynyň agzalarynyň, dalaşgärleriň we synçylaryň arasynda zenanlaryň paýy ýaly täzelenen maglumatlar ýerleşdirilen, emma dalaşgärleriň sanawy ýa-da saýlaw toparlarynyň salgylary ýaly maglumatlar ýok.[29] Şular ýaly maglumat jemgyýetçiligiň dykgatyna milli we/ýa-da sebit çap edilen neşirleriň üsti bilen ýetirilýär. SBBM-nyň Mejlise saýlawlara gatnaşýan dalaşgärleriň sanawyny almak baradaky haýyşyna jogap edip, MST oňa gazetleriň soňky sanlarynda gözlemegi teklip etdi.[30]

MST çäreleriň senenamasyny we kanundan göçürmeler ýerleşdirilen gollanmany neşir eden, emma olar OST-nyň we UST-nyň käbirlerinde görnükli ýerde duran hem bolsalar, megerem, ulanylmaýarlar, käbir toparlaryň bolsa, olarda beýan edilen düzgünler barada düşünjeleri ýok. DIAHE-nyň SBBM-nyň saýlawlar gününe çenli duşuşan OST-larynyň we UST-nyň agzalarynyň aglabasy ýerine ýetiriji häkimiýetiň ýerli edaralary tarapyndan – saýlawlar gününde okuw geçendiklerini nygtadylar, DIAHE-nyň SBBM-nyň duşuşan UST-nyň agzalarynyň aglabasy okuwy EST-larynda geçendiklerini habar berdiler.[31]

*Saýlaw işiniň aýanlygyny ýokarlandyrmak üçin ähli toparlaryň mejlisleri ähli gyzyklanýan taraplar, şol sanda synçylar üçin elýeterli bolmaly. MST-nyň mejlisleriniň senenamalary, gün tertipleri, teswirnamalary we beýleki degişli maglumatlar açyk elýeterlilikde öz wagtynda ýerleşdirilmeli.*

DIAHE-nyň SBBM-sy MST-nyň we milli telekompaniýanyň bilelikde taýýarlan saýlawçylary habarly etmek boýunça üç sany wideoroligine syn etdi. Olar saýlaw administrasiýalarynyň gurluşy we çäkleriň delimitasiýasy, öňünden ses bermek we ýurduň çäklerinden daşarda ses bermek meselelerine bagyşlanypdyr. Telewideniýe arkaly görkezilen, emma Internetde elýeterli bolmadyk üç sany rolikleriň mazmunynyň saýlawçylar üçin netijeliligi azdy.

Edil ozalky iki sany saýlawlarda bolşy ýaly, takmynan, 240 sany saýlaw uçastoklary saýlawlar güni MST-nyň sahypasynda göni ýaýlymda görkezýän web-kameralar bilen enjamlaşdyrylan. Olaryň oturdylmagy kanunda göz öňünde tutulmadyk, we bu tejribe jemgyýetçiligiň dykgatyna ýetirilmeýär. MST olaryň ýerleşdirilmeginiň tehniki maksadalaýyklyk bilen kesgitlenýändigi DIAHE-nyň SBBM-na aýtsa hem, olaryň niýetleniliş maksady takyklaşdyrylmalydyr.

---

28 RSHHP-nyň 19-njy maddasyna BMG-nyň Adam hukuklary boýunça komitetiniň (AHK) 2011-nji ýyldaky 34 belgili Umumy bellikleriniň 19-njy bendi: “Maglumata elýeterlilik hukugyny durmuşa geçirmek üçin, gatnaşyjy Döwletler jemgyýetçiligiň gyzyklanmasyny döredýän Hökümet habarlaryny açyk elýeterlilikde öňdengörüjilik bilen ýerleşdirmelidirler. Gatnaşyjy Döwletler şeýle maglumatyň ýeňil, çalt, netijeli we iş ýüzünde elýeterli bolmagyny üpjün etmek üçin ähli tagallalary etmelidirler”.

29 MST-nyň sahypasy türkmen, rus we iňlis dillerinde berlen, şunda türkmen dilindäki görnüşinde maglumatlar has doly.

30 Mysal üçin, dalaşgärleriň sanawy neşir edilýän KHBS-da fewralyň ortalaryna çap edilen. Neşir edilen habarlaryň bir böleginiň MST (Merkezi saýlaw topary) we üç sany syýasy partiýalar tarapyndan DIAHE-nyň SBBM-na berlen maglumatlara laýyk gelmeýändigini bellemek gerek.

31 Kanun MST-nyň üstüne saýlaw toparlarynyň agzalarynyň okadylmagy üçin jogapkärçiligi ýükleýär.

## VI. SAÝLAWÇYLARY BELLIGE ALMAK

Saýlamaga hukugyna 18 ýaşyna ýeten raýatlar eýe bolup durýarlar, olara azatlykdan mahrum etmek görnüşindäki jezany çekýänler ýa-da kazyýet tarapyndan kämillik ukyby ýok diýip ykrar edilenler girmeýärler.[32] Çäkli mümkinçilikleri bolan adamlar üçin saýlaw hukugynyň çäklendirilmegi çendenaşa bolup durýar we MHK-a garşy gelýär.[33] Amala aşyran jenaýatynyň agyrlyk derejesine garamazdan, ähli iş kesilenleriň saýlamaga hukuklaryndan mahrum edilmegi, ÝHHG-nyň borçnamalaryna, beýleki halkara borçnamalara we BMG-nyň Adam hukuklary boýunça komitetiniň maslahatlaryna garşy gelýär.[34]

*Azatlykdan mahrum etmek görnüşindäki jezany çekýän raýatlaryň, we ruhy taýdan bozulmalary bolan adamlaryň saýlamaga hukuklarynyň çäklendirilmegi halkara borçnamalaryna laýyklykda gaýtadan seredilmäge degişlidir.*

Kanun boýunça saýlawçylaryň sanawyna goşmak üçin agzalan uçastokda üç aýdan az bolmadyk möhletiň dowamynda ýaşamaklyk zerur bolup durýan hem bolsa, MST-nyň pikirine görä, bu iň pes talaba laýyk gelmeýänler hem saýlawçylaryň goşmaça sanawyna goşulyp bilnerler.

Saýlawçylaryň bellige alynmagy passiw häsiýete eýedir. Oňyn tejribä garşy, saýlawçylaryň sanawy UST-lary tarapyndan her bir saýlaw işi üçin täzeden düzülýär.[35] Kanuna laýyklykda, toparlar ýerli ýerine ýetiriji edaralardan alnan ilat baradaky maglumatlara daýanýarlar. UST-lary gelip gowuşýan maglumatlary "gapydan gapa" täzeläp durmaly, we DIAHE-nyň SBBM-nyň baryp gören ähli uçastoklary, hat-da düýbünden dürli möhletler barada habar berseler hem, zerur barlaglary geçirendiklerini nygtadylar, bu bolsa, düzgüniň berjaý edilmeginiň yzygiderliligine şübhe döredýär.[36] UST-lary saýlawçylaryň arasynda olaryň saýlaw uçastogynyň ýerleşýän ýeri barada maglumat ýerleşdirilen çakylyklary ýaýradýarlar.[37]

---

32 Derňew gabawhanalarynda saklanýan we ses bermek hukugyna eýe bolan raýatlar üçin kanunçylykda hiç bir çäklendirme bellenmedik. Derňew gabawhanalaryndaky saýlawçylaryň sanawyny bu edaralaryň direktorylary düzmeli. MST DIAHE-nyň SBBM-a ses bermek hukugyna eýe bolan raýatlaryň ykjam ses bermekden peýdalanyp bilýändiklerini habar berdi – emma olaryň ýaşaýan ýerleri boýunça öz saýlaw okruglarynda ses berip bilýändiklerini anyklamak başartmady.

33 MHK-nyň 29-njy maddasyna görä, "Gatnaşyjy Döwletler [...] mümkinçilikleri çäkli adamlara beýlekiler bilen bir hatarda, hut özleri ýa-da erkin saýlanan wekilleriniň üsti bilen, syýasy we jemgyýetçilik durmuşyna netijeli we doly gatnaşmak mümkinçiligini, şol sanda mümkinçiligi çäkli adamlaryň ses bermek we saýlanmaga bolan hukugyny we mümkinçiligini üpjün edýärler". BMG-nyň MHK boýunça komiteti özüniň Türkmenistan boýunça Jemleýji belliklerinde (2015 ý. maýy) Türkmenistana "kämillik ukybyndan mahrum edilen adamlar üçin ses bermek hukugyny haýal etmän dikeltmek we olaryň saýlamaga hukuklary babatynda doly elýeterliligi we maglumaty üpjün etmek bilen, mümkinçilikleri çäkli adamlaryň saýlamaga hukuklaryna ähli çäklendirmeleri aýyrmagy üpjün etmegi" maslahat berdi.

34 1990-njy ýyldaky ÝHHG-nyň Kopengagen resminamasynyň 7.3 bendi gatnaşyjy Döwletleriň "kamillik ýaşyna ýeten raýatlara ählumumy we deň saýlamaga hukugyny kepillendirjekdiklerini" belleýär, 24-nji bendi bolsa, hukuklaryň we azatlyklarynyň çäklendirilmegi "kanunyň maksadyna berk deňölçegli bolmalydygyny" belleýär. RSHHP-nyň 25-nji maddasyna 1996-njy ýyldaky BMG-nyň 25 belgili Umumy bellikleriniň 14-nji bendinde saýlama hukuklaryndan mahrum etmek üçin esaslaryň "obýektiw we ýerlikli" bolmalydygy aýdylýar. Şeýle-de, 2017-nji ýyldaky BMG-nyň AHK-niň Türkmenistanyň ikinji döwürleýin nutugy boýunça Jemleýji belliklerine ser.

35 Wenesiýa toparynyň 2002-nji ýyldaky Laýyk tejribesiniň kodeksiniň I.1.2.i bendine görä, "hemişelik saýlaw sanawlary bolmaly".

36 Bu işiň dowamlylygy, dürli UST-laryň ýatlamalaryna görä, bir günden iki aýa çenli bolup durýar.

37 Saýlawçylar ses berenlerinde çakylygy görkezmäge borçly däl, emma DIAHE-nyň SBBM-nyň synlan saýlaw uçastoklarynda käbirleri muny edýärdiler.

Goşmaça sanawlar harby bölümlerde, hassahanalarda we garrylar öýlerinde bu edaralaryň serkerdeleri ýa-da direktorlary tarapyndan düzülýär. Daşary ýurtlarda ýaşaýan saýlawçylar özleriniň sanawa goşulmagy barada haýyş bilen degişli ilçihanasyna ýa-da konsullyk edarasyna ýüz tutup bilýärler.[38]

*Takyklygy we halkara tejribesine laýyklygy üpjün etmek üçin häkimiýetler saýlawçylaryň hemişelik merkezleşdirilen döwlet sanawyny ýöretmek baradaky meselä garamaly we ony yzygiderli täzeläp durmaly.*

Kanun saýlawçylaryň sanawyny düzmek işiniň haçan başlanýandygyny takyklaşdyrmaýar, ýöne sanawlaryň saýlawlar gününe çenli 15 günden gijä galman saýlaw uçastoklarynda asylmagyny talap edýär. Maglumat öz içine saýlawçynyň öý salgysyny alýar, emma bu ýagdaý onuň şahsy durmuşyny howp astynda goýýar. Sanawlar saýlaw uçastoklarynyň ýarsyndan gowragynda asylan, käbirleri DIAHE-nyň SBBM-sy tarapyndan möhletinden öň ses berlen wagty synlandy. Barlyp görlen UST-laryň hiç birine saýlawçylardan özleriniň sanawa goşulmagy baradaky ýa-da özleriniň maglumatlaryna üýtgetmeleriň we düzedişleriň girizilmegi barada haýyşlar gelip gowuşmandyr.

MST-nyň maglumatlaryna görä, saýlawlara gatnaşmak üçin ýurt boýunça 3 496 368 sany saýlawçylar, daşary ýurtlarda 12 971 sany saýlawçylar bellige alnan.[39] Her bir saýlaw okrugynda bellige alnan saýlawçylaryň sany baradaky maglumatlar saýlawlar gününe çenli neşir edilmedi, we sorandygyna garamazdan, DIAHE-nyň SBBM-na olary alty sany welaýatlaryň diňe biri boýunça almak başartdy.[40] 2022-nji ýylyň dekabrynda ilat ýazuwynyň geçirilendigine garamazdan, ilatyň sany baradaky, şol sanda submilli alamaty boýunça bölünen maglumat saýlawçylaryň bellige alynmagynyň takyklygyna we/ýa-da gurşap alşyna baha bermäge mümkinçilik bermeýär.[41]

Öňdebaryjy halkara tejribesine garşy, goşmaça saýlawçylar saýlawçylaryň goşmaça sanawyna saýlawlar gününde goşulyp bilnerler.[42] Käbir UST-lar DIAHE-nyň SBBM-a diňe şahsyýetini tassyklaýan resminamalarynda uçastogyň çäklerindäki salgy görkezilen saýlawçylary bellige almak ýa-da goşmaça sanawa goşmak bolýandygyny habar berdiler. Saýlawçylaryň merkezleşdirilen döwlet sanawynyň ýoklugynda, birnäçe gezek ses berilmeginden goraýan degişli çäreler üpjün edilmedik.

*Birnäçe gezek ses berilmeginden goranmak üçin, saýlawçylary saýlaw uçastoklarynda saýlawlar gününde bellige almak mümkinçiligini aradan aýyrmak baradaky meselä garamak bolar. Saýlawçylaryň sanawyny ýapmagyň kanunçylyk taýdan bellenen möhletini girizmek bolar, şunda goşmaça ýazgylaryň girizilmegi diňe kanunçylygyň anyk kesgitlenen talaplaryna laýyklykda we kazyýet gözegçiligi astynda ýol berilýär.*

---

38 MST DIAHE-nyň SBBM-a ilçihanalaryň özlerindäki saýlawçylaryň sanawyna goşmak üçin daşary ýurtlardaky Türkmenistanyň raýatlaryna ýüz tutýandyklaryny habar berdi.

39 Bellige alnan saýlawçylar jemi 3 509 339 sany.

40 Aşgabat şäheriniň WST DIAHE-nyň SBBM-a öz 17 sany saýlaw uçastoklarynyň her birinde bellige alnan saýlawçylaryň sany baradaky maglumatlary berdi. Bu maglumatlara görä, sesleriň deňligi ýörelgesi berjaý edilen. RSHHP-a BMG-nyň AHK-nyň 34 belgili Umumy bellikleriniň 19-njy bendi döwletleri “jemgyýetçiligiň gyzyklanmasyny döredýän Hökümet maglumatyny açyk elýeterlilikde öňdengörüjilik bilen ýerleşdirmäge” we “bu maglumata ýeňil, çalt, netijeli we iş ýüzünde elýeterliligi üpjün etmek üçin ähli tagallalary etmäge” çagyrýar. Her bir saýlaw uçastogynda bellige alnan saýlawçylaryň sany 1-nji aprelda neşir edilýän KHBS-da saýlawlaryň netijeleri bilen bilelikde çap edildi.

41 2022-nji ýylyň ilat ýazuwynyň netijeleri baradaky maglumat yglan edilmedi. DIAHE-nyň SBBM käbir saýlawçylaryň öz ildeşleriniň dowam edýän migrasiýasy babatynda ynjalyksyzlygyny eşitdi.

42 Wenesiýa toparynyň 2002-nji ýyldaky Laýyk tejribäniň kodeksiniň I.1.2.iv bendine görä, «[...] saýlaw uçastoklaryna saýlawçylary saýlawlar gününde bellige almak rugsat berilmeli däl».

## VII. DALAŞGÄRLERI BELLIGE ALMAK

Mejlisiň deputatlygyna dalaşgärler 25 ýaşyna ýeten we ýurtda 10 ýyldan az bolmadyk möhletiň dowamynda hemişelik ýaşan raýatlar bolup bilerler. Olaryň aýrylmadyk ýa-da öz-özünden aýrylmadyk iş kesilenlik aýby bolmaly däldir. Ýaşaýan ýeri boýunça agzalan çäklendirmeler çendenaşa bolup durýar we amala aşyrylan jenaýatyň agyrlyk derejesine garamazdan iş kesilenlik aýby bolan raýatlaryň aýrylmagy hetdenaşa bolup durýar.[43]

*Aýrylmadyk ýa-da öz-özünden aýrylmadyk iş kesilenlik aýby bolan raýatlary we ýurtda 10 ýyldan az ýaşan adamlary hödürlemäge bolan hukugyň çäklendirilmegine gaýtadan seredilmeli we halkara ülňülerine laýyk getirilmeli.*

Kanun boýunça, dalaşgärleri hödürlemek we bellige almak işi saýlaw uçastogy derejesinde amala aşyrylýar. Syýasy partiýalar we raýatlaryň toparlary saýlawlar gününe çenli 60 günden 30 güne çenli döwürde dalaşgärleri hödürläp bilýärler. Syýasy partiýalar dalaşgärleri gurultaýlarda hödürlemeledirler, olar beýleki partiýalar bilen bilelikde hem geçirilip bilinýär.[44] Dalaşgärleriň raýatlaryň toparlary tarapyndan hödürlenmegi degişli saýlaw uçastoklarynda bellige alnan 200-den az bolmadyk saýlawçylardan ybarat bolan ýygnaklarda sesleriň ýönekeý köplügi bilen amala aşyrlyp bilner.[45]

Hödürleýän subýektiň çözgüdi we dalaşgäriň arzasy degişli OST-a saýlawlar gününe çenli 50 günden 25 güne çenli döwürde berilmeli. Raýatlaryň toparlary ýygnagyň her bir gatnaşyjysynyň goluny öz içine alýan teswirnamalary bermäge borçludyr. Her saýlawçy diňe bir dalaşgäri goldamak üçin gol goýup bilýär, her bir ýygnak bolsa, diňe bir dalaşgäri hödürleýär.[46] Kanun OST-laryny bellige almak işi baradaky ýazgylary aýawly saklamaga borçlandyrýandygyna garamazdan, DIAHE-nyň SBBM-nyň duşuşan OST-larynyň hiç biri bu ýazgylary görkezip bilmedi.[47] OST-larynyň käbir agzalary, şol sanda ýolbaşçy wezipeleri eýeleýänler, özleriniň saýlaw uçastoklarynda sese goýulýan galaşgärleri hödürlän subýektlerini dogry kesgitläp bilmediler, şol sebäpli, OST-lar tarapyndan dalaşgärleri hödürlemek we bellige almak işiniň hakykylygyny şübhe astynda goýýar.

MST-nyň maglumatlary boýunça, hödürlenen 258 sany dalaşgärleriň ählisi, şol sanda DP tarapyndan hödürlenen 97 sany, AP tarapyndan hödürlenen 51 sany we STP tarapyndan hödürlenen 27 sany dalaşgärler, şeýle-de raýatlaryň toparlary tarapyndan hödürlenen 83 sany dalaşgärler bellige alyndylar.[48] 125 sany saýlaw okruglaryndan 117 sanysynda mandat üçin iki sany dalaşgärler göreşdiler, we diňe 8 sany okruglarda üç sany dalaşgärler seslerini goýdular. Dalaşgärler baradaky esasy terjimehal maglumatlary 6-njy martdan 18-nji marta çenli döwürde çap neşirlerinde rus we türkmen dillerinde neşir edildi.

---

[43] ÝHHG-nyň 1990-njy ýyldaky Kopengagen resminamasynyň 7.3 we 24 bentlerine hem-de RSHHP-nyň 25-nji maddasyna BMG-nyň 1996-njy ýyldaky RSHP 25 belgili Umumy bellikleriniň 15-nji bendine ser., onda "saýlanmaga hukugynyň islendik çäklendirmeleriniň [...] obýektiw we paýhasly esaslandyrylan ölçegler boýunça delillenmelidir. Başga halatlarda saýlanmaga hukugy bolan adamlar bilimi, ýaşaýan ýeri ýa-da gelip çykyşy ýaly esaslandyrylmadyk ýa-da kemsidiji talaplara görä, ýa-da syýasy degişliligi sebäpli saýlanmaga gatnaşýanlaryň hataryndan çykarylmaly däldir" diýilýär. Şeýle-de, Wenesiýa toparynyň 2002-nji ýyldaky Laýyk tejribesiniň kodeksiniň I.1.1.c we I.1.1.d. bentlerine ser.

[44] DIAHE-nyň SBBM-a dalaşgärleri hödürlemek boýunça bir partiýadan artyk bilelikde ýeke ýygnagyň hem geçirilmändigi habar berildi. Saýlawlaryň öň ýanynda birleşikler döredilmedi.

[45] Iki ýagdaýda hem dalaşgäri hödürlemek baradaky çözgüt açyk ýa-da gizlin ses bermek arkaly kabul edilip bilner.

[46] ÝHHG-nyň DIAHE-nyň we Wenesiýa toparynyň Syýasy partiýalaryň işini düzgünleşdirmek boýunça 2010-njy ýyldaky Gollanmasynyň 77-nji bendi "plýuralizmi we birleşikleriň azatlygyny berkitmek maksady bilen, kanunçylyk raýaty diňe bir partiýanyň goldaw sanawyna gol çekmekde çäklendirmeli däldigini" maslahat berýär.

[47] Halatlaryň birinde bir OST başga bir OST-nyň golly kagyzlarynyň doly bolmadyk nusgalaryny berdi.

[48] MST tarapyndan DIAHE-nyň SBBM-a berlen we üç sany syýasy partiýalar tarapyndan tassyklanan bu sanlar neşir edilýän KHBS tarapyndan çap edilen dalaşgärleriň sanawlaryndaky maglumatlara laýyk gelmeýär, çünki olarda Demokratik partiýanyň 108 sany, Agrar partiýanyň 48 sany, Senagatçylar we telekeçiler partiýasynyň 27 sany, raýatlaryň toparlarynyň bolsa 29 sany dalaşgärleri hödürländikleri şöhlelendirilen.

Saýlawlara jemi 41 sany zenan gatnaşyp (15,9%), bu 2018-nji ýyldaky saýlawlara garanyňda mese-mälim az. [49] Syýasy partiýalary zenanlaryň gatnaşmaklaryny üpjün etmeklige borçlandyrýan ýörite çäreler ýok, we partiýalaryň hiç biri ýu ugurda hiç hili çäreleri durmuşa geçirmändir. [50] MST-da mümkinçilikleri çäkli adamlaryň saýlawlara gatnaşandyklary ýa-da gatnaşmandyklary barada maglumat ýok.

*Deň gatnaşyk ýörelgesini durmuşa geçirmek üçin zenan dalaşgärleri hödürlemek boýunça çäreleri girizmek zerurdyr. Syýasy partiýalar inklýuziwligi ösdürmek boýunça, şol sanda dalaşgär zenanlary hödürlemek boýunça hökmany syýasaty kabul etmek arkaly öz tagallaryny işjeňleşdirip bilerdiler.*

## VIII. SAÝLAW MÖWSÜMI

Dalaşgärler saýlawlaryň öň ýanyndaky möwsüme olaryň bellige alnan pursatyndan başlap bilerler, saýlawlara çenli möwsümiň döwri bolsa, saýlawlar gününe çenli bir gün öňünden tamamlanýar. Saýlaw kodeksi syýasy partiýalara, jemgyýetçilik birleşiklerine, dalaşgärlere we olaryň ynanylan adamlaryna, şeýle-de raýatlara saýlawlaryň öň ýanyndaky möwsümi bökdençsiz geçirmäge mümkinçilik berýär. Kanun, şeýle-de, dalaşgärler üçin deň mümkinçilikleri belleýär. Emma saýlaw möwsümini geçirmek üçin deň mümkinçilikler hakyndaky düzgünlerine berk düşündiriş berilmegi MST tarapyndan gurnalýan çärelerden daşgary ýygnaklaryň we pikiri beýan etmegiň azatlygyna bolan elýeterliligi hakykat ýüzünde çäklendirýär, bu bolsa, halkara borçnamalaryna we ülňülerine, şeýle-de ÝHHG-nyň borçnamalaryna garşy gelýär.

Şäherlerde we köçelerde ýekeje-de saýlawlar bilen bagly materiallar asylman, her ýerde Prezidentiň we onuň kakasy – Milli Lideriň suraty ýerleşdirilen mahabatlandyryş germewleri we ündewsuratlary bar. DIAHE-nyň SBBM tarapyndan açyk howada guralan hiç hili möwsüm çäreleri we ýapyk binalarda umumy elýeterli ýygnaklar syn edilmedi we tassyklanmady. Syýasy partiýalar prosese gatnaşmadylar, dalaşgärler baradaky neşir we telewizion habarlarynda olaryň logotipleri we şygarlary ýokdy. [51]

Saýlaw topary daläşgerleriň ýeke-täk ündewsuratlaryny taýýarlady, olar saýlaw uçastoklarynda asylan. [52] MST dalaşgärleriň saýlawçylar bilen standartlaşdyrylan duşuşyklaryny gurnady we munuň üçin ýerli ýerine ýetiriji edaralar bilen bilelikde geçiriljek ýerleri saýlady. DIAHE-nyň SBBM-nyň duşuşan dalaşgärleriniň aglabasy MST-nyň şeýle duşuşyklaryň azyndan üçüsini gurnandygyny mälim etdiler. Syýasy partiýalaryň ikisiniň dalaşgär bolup durýan ýokary derejeli wekilleri DIAHE-nyň SBBM-a özleriniň ýa-da olaryň ynanylan adamlarynyň goşmaça duşuşyklary gurnandyklaryny habar berdiler.

DIAHE-nyň SBBM-nyň synlan ähli möwsüm çäreleri OST-nyň wekili tarapyndan geçirilýän ýapyk duşuşyklaryň häsiýetine eýe bolup, olarda ýygnananlaryň öňünde dalaşgär we onuň ynanylan adamy çykyş edýärdi. Olaryň ählisi okuw mekdeplerinde ýa-da jemgyýetçilik binalarynda geçdi. Olar barada

---

49 2018-nji ýyldaky saýlawlarda 284 sany dalaşgärleriň arasynda 71 sany zanan bardy (25%).

50 ÝHHG-nyň 1999-njy ýyldaky Stambul resminamasynyň 23-nji bendinde gatnaşyjy Döwletler “erkekleriň we aýallaryň arasyndaky deňligi özleriniň syýasatynyň aýrylmaz bölegi etmäge” borçlandylar. Şeýle-de, CEDAW -nyň (Zenanlar babatda kemsitmeleriň ähli görnüşlerini ýok etmek hakynda Konwensiýa) 7(b) maddasyna we CEDAW boýunça Komitetiň 1997-nji ýyldaky 23 belgili Umumy maslahatynyň ýylyň 26-njy bendine ser.

51 Käbir syýasy partiýalar DIAHE-nyň SBBM-a özleriniň maddy-tehniki goldaw berýändiklerini we dalaşgärleriň terjimehalyny taýýarlaýandyklaryny hem-de soňra OST-a berýändiklerini habar berdiler.

52 Saýlaw uçastoklarynda dalaşgärleriň maglumat ündewsuratlary bildirişleriň tagtasynda bile ýerleşdirilip, olar iki ölçegdediler. Saýlawlara üç sany dalaşgär gatnaşýan okruglarda kiçi ölçegde diňe iki sany ündewsuratlary ýerleşdirilip, bu ýagdaý üçünji dalaşgär baradaky terjimehal maglumatyny ýerleşdirmek mümkinçiligini aradan aýyrýardy. UST-lar bu ýalňyşlygy düşündirip bilmediler.

öňünden habar edilmedi we saýlawçylara gözükdiriji hökmünde geçiriliş tertibi ýokdy.[53] Olar çäkli diňleýjileri ýygnaýardy, talyplar we mugallymlar diňe oturylýan ýerleri doldurýardylar.[54] Gatnaşanlar dalaşgärler bilen söhbetdeşlige girmeýärdiler we, kada bolşy ýaly, soraglary göwünli-göwünsiz berýärdiler. Elýeterliligiň bökdelen şertlerinde sosial ulgamlar möwsümde hiç hili orun eýelemeýärdiler (“KHBS” atly bölüme ser.).[55]

Ýaşlar möwsümiň esasy mowzuklarynyň biri bolan we oňa DIAHE-nyň SBBM-nyň synlan möwsümiň duşuşyklarynyň köpüsinde üns berlen. Dalaşgärleriň köpüsi, hödürlän subýektine garamazdan, Milli Lider tarapyndan şu ýyl yglan edilen “Bagtyýar ýaşlar” mowzugyna salgylanýardylar. Umuman, “jemgyýetçilik maddy hal-ýagdaýy” mowzugy giňden ýatlanylýar, emma şunda dalaşgärler mazmunly syýasy teklipleri öňe sürmeýärdiler.

Gatnaşyjylaryň üçden biri raýatlaryň toparlary tarapyndan öňe sürlen hem bolsa, DIAHE-nyň SBBM-a olaryň düzümi barada maglumat almak başartmady. Möwsüm çynlakaý syýasy alternatiwalary görkezmedi.[56] Öz çykyşlarynda dalaşgärleriň aglabasy Prezidentiň we Milli Lideriň syýasatyna eýerýärdiler, şunuň bilen partiýanyň we döwletiň arasyndaky çägi ýitirip, ÝHHG-nyň 1990-njy ýyldaky Kopengagen resminamasynyň 5.4 bendine gapma-garşy gelýärdiler.[57]

Standart wizual serişdeleriň we gazet belliklerinde çäkli terjimehal maglumatlarynyň ulanylmagy, şeýle-de birkysmy 10 minutlyk telewizion ýüzlenmeler saýlamak mümkinçiliginiň ýokdugyny hem nygtady. Çekişmeleriň we dalaşgärleriň arasyndaky özara gatnaşygyň ýoklugy mazmunly syýasy gepleşige ýardam bermedi we saýlawçylara ölçerlen çözgüdi kabul etmäge mümkinçilik bermedi.

*Saýlawçylara çynlakaý syýasy alternatiwalary bermek we saýlaw işini demokratik standartlara we borçnamalara laýyk getirmek üçin, syýasy partiýalar we dalaşgärler özleriniň möwsüm çärelerini gurnamakda erkin bolmalydyrlar, syýasy mahabatlandyryşa bolsa, has giň ýol berilmelidir. Möwsüm plýuralistik bolmalydyr we, ÝHHG-nyň 1990-njy ýyldaky Kopengagen resminamasynyň 5.4 bendiniň talap edişi ýaly, Döwletiň we saýlaw dalaşgärleriniň arasynda takyk bölünişigiň bardygy şöhlelendirmelidir.*

## IX. SAÝLAW MÖWSÜMINI MALIÝELEŞDIRMEK

2012-nji ýylyň “Syýasy partiýalar hakynda” Kanuny we Saýlaw kodeksi saýlaw möwsümini maliýeleşdirmek meselerini düzgünleşdirýär. Olaryň birinjisi syýasy partiýalaryň saýlawlary geçirmek bilen baglanyşykly çykdaýjylaryň öweziniň dolunmalydygyny belleýär. Ikinjisi – saýlaw möwsümini dalaşgärler üçin çykdaýjysyz geçirmekligi, şeýle-de, dalaşgärler we olary hödürlän guramalar üçin deň şertleri we döwlet pul kömeginiň berilmegini belleýär. MST dalaşgärler we olary hödürlän guramalar tarapyndan saýlawlaryň öň ýayndaky möwsümi geçirmek üçin deň mümkinçilikleriň üpjün edilmegine jogap berýär. Kanunçylyk saýlaw möwsüminiň hususy maliýeleşdirilmegini gadagan etmeýän hem

53 MST käbir kandidatlar üçin çäreleri geçirmegiň rejesini DIAHE-nyň SBBM-a berdi. Bu maglumat saýlawçylaryň dykgatyna ýetirilmändir.

54 Syýasy partiýalar ep-esli agzalyk bilen öwünip bilerler, emma bu ýagdaý SBBM tarapyndan synlanan çärelere gatnaşmak derejesinde şöhlelenmesini tapmady. Mysal üçin, DP 230 000 agza barada (deňeşdirmek üçin 2018-nji ýylda 210 000 agza), AP – 80 000 agza barada (deňeşdirmek üçin 2018-nji ýylda 40 000 agza), STP – 30 000 agza barada (deňeşdirmek üçin 2018-nji ýylda 10 000 agza) mälim edýär.

55 Türkmenistanda esasy sosial ulgamlaryň ählisine elýeterlilik bökdelen.

56 ÝHHG-nyň 1990-njy ýyldaky Kopengagen resminamasynyň 3-nji bendinde gatnaşyjy döwletler “syýasy guramalar babatynda plýuralizmiň wajyplygyny” ykrar etdiler.

57 DIAHE-nyň SBBM-nyň duşuşan möwsüme gatnaşyjylaryň hiç biri özlerini bäsdeşlerinden nämäniň tapawutlandyrýandygyny düşündirip bilmediler. Olaryň käbirleri ne öz garşydaşyny, ne-de olary hödürlän guramany aýdyp bildiler. ÝHHG-niň Kopengagen resminamasynyň 5.4 bendi “döwlet bilen syýasy partiýalaryň arasynda takyk bölünişigi; hususan-da syýasy partiýalar döwlet bilen utgaşmazlar” talap edýär.

bolsa, ol dalaşgärleriň ýygnap bilýän haýyr-sahawatlarynyň möçberine we, ýa-da olaryň harçlanmagyna çäklendirmeleri göz öňünde tutmaýar. Mundan başga-da, maglumatyň ýa-da hasabatlylygyň aýan edilmegi, şeýle-de öň we soň gözegçilik etmek boýunça talaplar ýok.

DIAHE-nyň SBBM-nyň duşuşan ähli üç partiýanyň we dalaşgärleriň ähilisi saýlawlaryň möwsüm bilen baglanyşykly haýsydyr bir işi göni maliýeleşdirmegi özleriniň amala aşyrmandyklaryny tassykladylar. Möwsümiň çäklerindäki çäreler we degişli çykdaýjylar gönüden-göni saýlaw topary tarapyndan amala aşyrylan. Natura görnüşindäki döwlet gatançlary dalaşgärleriň saýlawçylar bilen duşuşyklaryny gurnamagy, olaryň terjimehallaryny çap edilýän KHBS-de neşir etmegi we milli telewidenýede ýaýlym wagtyny bermegi öz içine alan.

Saýlaw möwsümini maliýeleşdirmegi düzgünleşdirýän ulgam kanunçylykda beýan edilen deňlik, garaşsyzlyk we plýuralizm ýörelgeleriniň netijeli durmuşa geçirilmegini üpjün etmek üçin ýeterlik däl.

*Hasabatlylygy we aýanlygy üpjün etmek üçin, saýlaw möwsüminiň maliýeleşdirilmegini düzgünleşdirýän ulgama gaýtadan seretmek we goşmaça işlemek zerurdyr. Saýlaw möwsüminiň gönüden-göni dalaşgärler tarapyndan maliýeleşdirilmeginiň we syýasy partiýalary öz möwsümini maliýeleşdirmäge höweslendirmek mümkinçiligine garamak gerek. Öňdebaryjy halkara tejribesine laýyklykda, saýlaw möwsümini geçirmek üçin, pullaryň bagyş edilmegini, şol sanda üçünji şahslar tarapyndan pullaryň bagyş edilmegini hem-de hususy we döwlet çeşmelerinden natura görnüşinde bagyş etmeleri, çykdaýjylary, maglumatlaryň aýan edilmegi, hasabatlylygy we gözegçiligi düzgünleşdirýän düzgünleri işläp taýýarlamak zerurdyr.*

## X. KHBS (KÖPÇÜLIKLEÝIN HABAR BERIŞ SERIŞDELERI)

### A. MEDIA-GURŞAW

Telewideniýe we neşir edilýän KHBS Türkmenistanda esasy maglumat çeşmesi bolup durýar. KHBS üçin döwlet ýekebaralygy häsiýetlidir: 11 sany teleradioýaýlymlaryň ählisi döwlete degişlidir, ähli gazetler Döwlet neşirýat gullugy tarapyndan neşir edilýär, olaryň direktorlarynyň we baş redaktorlarynyň ählisi bolsa, Prezident tarapyndan bellenilýärler. Prezident we döwlet häkimiýet edaralary baradaky habarlar diňe Döwlet habarlar agentliginiň üsti bilen ýaýradylýar, syýasy habarlary berýän üç sany esasy teleýaýlymlaryň ählisi bolsa, ýeketäk habarlar maksatnamasyna eýe bolup durýarlar.[58] Habarlaryň mazmuny şahsy häsiýete eýedir we Prezidentiň we Milli Lideriň salgysyna tankytsyz makullamalary özlerinde üýtgewsiz beýan edýärler.[59]

Ýurt boýunça hemra antennalarynyň giňden ýaýramagy daşary ýurt teleýaýlymlarynyň üsti bilen has dürli-dürli pikirlere we habarlara elýeterliligi üpjün edýär. Emma, DIM tarapyndan resmi taýdan bellige alnan halkara habarlar agentlikleriniň hiç biri daşary ýurt habarçysy tarapyndan ýurtda wekilçilik edilmeýär. Tankytly habarlary berýän onlaýn-KHBS esasan daşary ýurtlarda ýerleşmek bilen öz işlerini alyp barýarlar. KHBS görüşi we eşidişi bozulan adamlar üçin saýlawlar we saýlaw möwsümi baradaky habarlaryň elýeterliligiň ýeňilleşdirilmegi üçin hiç-hili tagallalary etmeýärler. Plýuralizmiň we KHBS-nyň garaşsyzlygynyň ýoklugy, şeýle-de, ýüze çykýan maglumat boşlugy saýlawçylaryň oýlanyşykly

58 “Watan” habarlar gepleşigi “Altyn asyr”, “Ýaşlyk”, “Miras” teleýaýlymlarynda birwagtda çykýar.

59 Ýurtda her gün islendik gazetiň, şol sanda oba hojalygy, sport, ýaşlar ýa-da mugallymlar üçin ýöriteleşdirilen neşirleriň islendik sanynyň birinji sahypasynda Prezidentiň suraty we ol baradaky täzelikler belligi çykýardy. Mundan başga-da, käbir täjirçilik neşirlerinde Prezidenti gutlag hatlary görnüşinde mahabat çykýar.

saýlamak mümkinçiligini ep-esli çäklendirýär we ÝHHG-nyň borçnamalaryna hem-de beýleki halkara ülňülerine garşy gelýär.[60]

*Raýatlaryň tarapgöýsiz, tankytly we seljerme berilýän maglumata elýeterliligini üpjün etmek üçin, KHBS öz redaksion syýasatyny geçirmeklerinde erkin bolmalydyrlar. KHBS garaýyşlaryň has giň çygryny göz öňüne tutar ýaly, has täsirli habar-täzelik keşbini emele getirmäge ýykgyn etmek zerurdyr.*

Internete elýeterlilik berk gözegçilik saklanýar, köp sahypalar beklenen. Mundan başga-da, Internete elýeterlilik gymmat durýar, olaryň umumy peýdalanylmagy bolsa, pes bolmagynda galýar.[61] Goşmaça çykdaýjylardan başga-da, 2014-nji ýylyň Internet hakyndaky kanuny maglumatlary kriptografik goramagyň sertifikatlaşdyrylmadyk serişdelerini gadagan edýär, bu bolsa, öz gezeginde VPN-hyzmatlardan pedalanylmagyna ähtimal päsgelçiligi döredýär. 2022-nji ýylda Prezidentiň karary boýunça özbaşdak milli sanly ulgamyny döretmegiň konsepsiýasy işlenlip taýýarlanyldy. DIAHE-nyň habarlara bolan hukugyň elýeterliligine we Internetde pikiriň beýan edilmegine çäklendirmeleri aýyrmak boýunça ozalky maslahatlary ünssüz galdyrylýar.

## B. KANUNÇYLYK BINÝADY WE SAÝLAW MÖWSÜMINI BEÝAN ETMEK

Konstitusiýa pikiri beýan etmek azatlygyny we maglumatlary erkin gözlemek, almak we ýaýratmak hukugyny göz öňünde tutýar. Saýlaw kodeksi we 2012-nji ýylyň Köpçülikleýin habar beriş serişdeleri (KHBS) hakynda kanun pikiri beýan etmek azatlygyny göni görkezýär we senzurany we gatyşmaklygy gadagan edýär, 2018-nji ýylyň Telewideniýe we radiogepleşikler hakynda kanun bolsa, bu ýörelgeleri tassyklaýar. Emma, metbugatda paş etmeklik jenaýat hukuk bozulmasy bolup durýar we üç ýyla çenli azatlykdan mahrum etmek jezasyny ýa-da Prezidentiň salgysyna dil ýetirmeklik ýa-da töhmet atmaklyk üçin, bäş ýyla çenli azatlykdan mahrum etmek jezasyny göz öňünde tutýar, we kanun wakalaryň deňagramly we bitarap beýan edilmegini göz öňünde tutmaýar.[62]

*Halkara ülňülerine laýyklykda, Prezidentiň we döwlet işgärleriniň metbugatda paş edilmegi we dil ýetirilmegi üçin jenaýat jogapkärçiligini ýatyryp, onuň deregine at-abraýa ýetirilen zyýany dikeltmeklige gönükdirilen barabar raýat-hukuk sanksiýalaryny girizmeli.*

---

60 ÝHHG-nyň 1996-njy ýyldaky Lissabon resminamasynyň 11-nji bendinde “Metbugatyň we köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň azatlygy hakyky demokratik we raýat jemgyýetiniň esasy başlangyçlarynyň biri bolup durýar” diýlip, beýan edilen. ÝHHG-nyň gatnaşyjy Döwletleri 1997-nji ýyldaky ÝHHG-nyň Hemişelik geňeşiniň 193 belgili çözgüdinde “pikiri beýan etmek azatlygynyň adamyň esasy we halkara derejede ykrar edilen hukugy hem-de denokratik jemgyýetiň esasy bölekleriniň biri bolup durýandygyny, we azat, garaşsyz hem-de plýuralistik köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň azat we açyk jemgyýet we döwlet dolandyrylyşynyň hasabatly häsiýeti bolan ulgamlary üçin zerurdygyny” tassykladylar.

61 Internet World Stats maglumatlaryna görä, 2022-nji ýylyň iýul aýy ýagdaýy boýunça internediň Türkmenistana ornaşmagy 25,3% (dünýä boýunça ortaça görkeziji – 67,9%) bolan.

62 RSHHP-a BMG-nyň AHK-nyň 34 belgili Umumy bellikleriniň 47-nji bendinde “Gatnaşyjy döwletlere metbugatda paş etmegiň jenaýatsyzlandyrylmagy baradaky meselä garamak gerek, we islendik halatda jenaýat kanunyň ulanylmagyna diňe diýseň düýpli ýagdaýlarda ýol berilmeli, türme tussaglygy bolsa, hiç mahal laýyk jeza bolup durmaýar” diýlip, aýdylýar. 38-nji bende laýyklykda, “pikiri beýan etmegiň görnüşleriniň döwlet wezipeli işgärleri üçin göwne degýän diýip hasaplanmagynyň özi jeza berilmegi üçin ýeterlik esas bolup durmaýar, şol bir wagtyň özünde döwlet wezipeli işgärler hem [RSHHP]-nyň kadalaryndan peýdalanyp bilýärler”. Mundan başga-da, ähli döwlet wezipeli işgärleri, şol sanda, döwlet we hökümet baştutanlary ýaly ýokary syýasy häkimiýeti amala aşyrýanlar tankyda we syýasy oppozisiýa doly esasly sezewar edilýärler. ...Gatnaşyjy döwletler tankyda sezewar edilip bilinjek adamyň diňe şahsyýetiniň esasynda has ýowuz jezany bellemegi göz öňünde tutmaly däldirler. Gatnaşyjy döwletler goşun ýa-da adminstrasiýa ýaly institutlary tankytlamagy gadagan etmeli däldirler”. Şeýle-de, gatnaşyjy Döwletleri “metbugatda paş etmek hakyndaky kanunlaryň žurnalistleriň howpsuzlygyna zyýan ýetirip we/ýa-da žurnalistleriň işlerini senzura hakykat ýüzünde sezewar edip hem-de olaryň jemgyýetçiligi habarly etmek boýunça wezipelerini ýerine ýetirmeklerine päsgelçilik berip biljek çendenaşa sanksiýalary ýa-da jezalary göz öňüne tutmazlygyny üpjün etmeklige, hem-de, zerurlyk ýüze çykanda şeýle kanunlara gaýtadan seretmäge we ýatyrmaga” çagyrýan ÝHHG-nyň Ministrler Geňeşiniň 3/18 belgili çözgüdine ser.

Saýlaw kodeksi saýlawlaryň öň ýanyndaky möwsüm wagty ähli dalaşgärler üçin köpçülikleýin habar beriş serişdelerine deň elýeterliligi göz öňünde tutýar.[63] MST-nyň KHBS-nyň meseleleri boýunça iş topary yzygiderli mejlisleri geçirmändir. KHBS-ne möwsümiň barşyna ýa-da KHBS-de möwsümi şöhlelendirmek hakynda umumy elýeterli hasabatlaryň bolmazlygy dalaşgärleriň we saýlawçylaryň maglumatlary bermäge we almaga bolan hukugyna ýaramaz täsirini ýetirdi. KHBS-nyň bilen baglanyşykly şikaýatlar saýlaw adminstrasiýalaryna we kazyýetlerine gelip gowuşmandyr.

DIAHE-nyň SBBM KHBS-a yzygiderli gözegçiligi amala aşyrmadyk hem bolsa, ol habarlar telegepleşikleriniň saýlawlar bilen baglanyşykly wakalary seýrek şöhlelendirýändigini belledi. Saýlaw kodeksi dalaşgärleriň çekişmeleri üçin mugt ýaýlym wagtyny göz öňünde tutýan hem bolsa, Telewidenýe we radiogepleşikler komiteti DIAHE-nyň SBBM-a dalaşgärleriň hiç biriniň goşmaça wagt üçin gyzyklanma bildirmändiklerini habar berdi. Saýlaw möwsüminiň ilkinji iki hepdesiniň dowamynda ýurt möçberinde, dalaşgärleriň tanalmagyny ýeňilleşdirýän grafikasyz we ssenariýsyz arkasy bitarap fonda düşürilen olaryň telewizion ýüzlenmeleri görkezildi.[64] MST we KHBS tarapyndan tassyklanan, dalaşgärler üçin dessuryň ýa-da gözükdirmeleriň ýokdugyna garamazdan, dalaşgärleriň ähli teleýüzlenmeleri birmeňzeş görnüşe eýedi. Dalaşgärleriň DIAHE-nyň SBBM tarapyndan synlanan ähli ýüzlenmeleri Prezidente we onuň syýasy maksatnamalaryna makullamany beýan edýärdi, bu ýagdaý bolsa, saýlawçylara saýlamak mümkinçiligi bermeýärdi. Saýlawçylaryň öz uçastoklarynda dalaşgärler baradaky maglumatlary tapmagy üçin gözükdirýän çykyşlaryň tertibi hem neşir edilmändir.

Möwsümiň neşir edilýän KHBS-de beýan edilmegi Döwlet habarlar agentligi tarapyndan dalaşgärler hakynda ýaýradylýan ujypsyz habarlary bilen çäklenilýär.[65]

*KHBS-nyň işini düzgünleşdirmek boýunça garaşsyz edara döredilmeli we oňa saýlawlar döwründe KHBS-nyň özüni alyp barşyna gözegçiligi amala aşyrmak tabşyrylmalydyr.*

## XI. SAÝLAW JEDELLERINI ÇÖZMEK

Kanunda kazyýet gözegçiliginiň halkara ýörelgelerine umuman laýyk gelýän şikaýatlaryň we apellýasiýalaryň ulgamy göz öňünde tutulan. Ne bu, ne-de öňki saýlawlarda birje-de şikaýat berilmändir, we agzalan ýagdaý bu çäreleriň netijeliligine baha bermäge mümkinçilik bermeýär. Zyýanyň öweziniň dolunmaga bolan hukuk kanunda saýlaw administrasiýasyna we kazyýetlere şikaýat berip bilýän saýlaw işiniň ähli gatnaşyjylary üçin berkidilen. Saýlaw işinde kazyýet häkimiýetiniň orny saýlaw jedellerinde saýlaw hukugynyň goralmagyny kepillendirmek bilen çäklenýär. Ähli kazyýetleriň kazylarynyň sany Prezident tarapyndan kesgitlenýär. MST-nyň agzalary ýaly, kazylar Prezident tarapyndan bäş ýyl möhlete bellenýärler. Netijede, ähli kazyýet basgançaklarynyň garaşsyzlygynyň kepilliginiň ýoklugy hukuk goraglylygynyň netijeli serişdelerine elýeterliligi kynlaşdyryp biler.

Kanun toparlaryň we kazyýetleriň şikaýatlara üç günüň dowamynda ýa-da, eger-de olar saýlawlar gününden bir gün öň ýa-da saýlawlar gününde berlen bolsa, haýal etmän garamaga borçludyklaryny belleýär. Aşakda durýan saýlaw toparlary tarapyndan kabul edilen çözgütler ýokarda durýan toparlarda ýa-da kazyýetlerde jedelleşilip bilnerler. MST-nyň çözgütlerine hem aşakda durýan sebit (welaýat) kazyýetleri üçin ikinji basgançakly edara bolup durýan Ýokary kazyýete şikaýat edilip bilner. Şeýle-de

[63] Dalaşgärler üç sany – “Altyn asyr”, “Miras” we “Ýaşlyk” döwlet teleýaýlymlarynda sagat 19:00-dan 23:00-a çenli dowamlylygy bir sagatdan az bolmadyk mugt ýaýlym wagtynyň deň paýyna bolan hukugy aldylar. Saýlawlara gatnaşyjylara hem iki sany – biri türkmen dilindäki, beýlekisi rus dilindäki döwlet gazetlerinde özleriniň terjimehallaryny neşir etmekleri üçin muzdsuz ýer berildi.

[64] Tomaşaçylar üçin çykyşlaryň tertibiniň ýoklugynda, telewizory açan we çykyşy sypdyran tomaşaçy özüniň saýlaw uçastogynda hödürlenen dalaşgäri hemişe kesgitläp bilmez. Rolikler ýaýlyma diňe bir sapar goýberilen.

[65] Gazylyp alynýan ýangyja ýöriteleşdirilen gazet onuň enelik kompaniýasynda işleýän dalaşgärleriň maksatnamalarynda göçürmeleri ýerleşdiren.

şikaýatlar gönüden-göni MST-na ýa-da Ýokary kazyýete berlip bilner, çünki olaryň ikisi hem saýlawlar bilen baglanyşykly şikaýatlar babatynda ýurisdiksiýa eýedirler. Kanun, haçan-da şikaýat Topara we kazyýete berlende, artykmaçlygy kazyýete berýär. [66] Emma, ähli derejelerdäki saýlaw toparlary we kazyýetler (etrap, welaýat we Ýokary kazyýet) nägileliklere birinji basgançakda garamaga bolan ygtyýarlyklara eýe bolup, bu ýagdaý şol bir şikaýaty birnäçe kazyýet basgançaklaryna bermekligi mümkin edýär. Ygtyýarlyklaryň gaýtalanmagy hukuk taýdan aýdyňlygy peseldýär we hukuk goragynyň netijeli serişdelerine elýeterliligi geljekde kynlaşdyryp biler.

Saýlaw kodeksi öz içine zorluk ulanmagy, galplaşdyrmagy, gulluk ýagdaýyndan hyýanatçylyk peýdalanmagy we saýlaw möwsüminiň dowamynda beýleki bozulmalary alýan saýlawlaryň barşyndaky bozulmalaryň sanawyny sanap geçýär. Administratiw hukuk bozulmalar hakynda kodeksi we Jenaýat kodeksi başga adamyň ýerine ses berilmegi we birnäçe gezek ses berilmegi, seslere bermit berilmegi, saýlawlaryň netijeleriniň manipulýasiýa edilmegi, saýlaw toparlarynyň işine gatyşylmagy, ses bermekligiň ýaşyrynlygynyň bozulmagy üçin sanksiýalary göz öňünde tutýar. Jerimeler öz içine düzediş işlerini, administratiw taýdan tussag etmekligi we iki ýyla çenli möhlete azatlykdan mahrum etmekligi alýar. Etrap kazyýetleri (Türkmenistanda birinji derejeli umumy yirisdiksiýaly kazyýetler) saýlawlar bilen baglanyşykly hukuk bozulmalar hakyndaky arzalar babatynda ýurisdiksiýany amala aşyrýarlar. Baş prokuratura DIAHE-nyň SBBM-na häzirki we ozalky saýlaw işlerinde bir wakanyň hem hasaba alynmandygyny habar berdi.

*Hukuk taýdan aýdyňlygy üpjün etmek üçin, saýlawlar bilen baglanyşykly şikaýatlara we apellýasiýalara garalmagyna jogapkär edaralaryň, şol sanda kazyýetleriň we saýlaw administrasiýasynyň ýurisdiksiýasynyň gaýtalamagyny aradan aýyrmak maksady bilen, kanunçylyk binýadyna üýtgetmeleri girizmek zerurdyr. Jogapkärçilik çygyrlary we institusional iýerarhiýa ähli gyzyklanýan taraplaryň dykgatyna anyk ýetirilmelidir.*

## XII. RAÝAT WE HALKARA SYNY

Saýlaw kodeksi saýlawlara raýat we halkara syn etmek mümkinçiligini göz öňünde tutýar – ÝHHG-nyň borçnamalaryna laýyklyk gelýär.[67] Raýat synçylary üç sany syýasy partiýalar, dalaşgärler, 135 sany bellige alnan jemgyýetçilik birleşikleri we raýatlaryň toparlary tarapyndan hödürlenip bilnerler. MST-nyň maglumatlaryna görä, 2855 sany raýat synçylar resmi taýdan bellige alyndy, şolaryň 50% sähel gowragy aýallar bolup durýar.

Ähli raýat synçylar döwlet tarapyndan makullanan we özleriniň döredijі resminamalaryna laýyklykda Prezidenti goldaýan guramalara wekilçilik edýärdiler. DIAHE-nyň SBBM-nyň duşuşan guramalary mazmunly usulyýete eýermeýärdiler we özlerine işiň esasy elementleriniň bitewiligine baha bermäge mümkinçilik berjek maglumatlary ýygnamaýardylar. [68] Saýlawlar güni DIAHE-nyň SBBM-nyň duş gelen käbir synçylary özleriniň wekilçilik edýän guramasyny agzap bilmediler, we resmi taýdan bellige alnan toparlaryň hiç biri hiç hili hasabatlary çap etmediler.

---

66 Kazyýet degişli saýlaw toparyny şikaýatyň berlendigi barada habarly etmäge borçludyr.

67 ÝHHG-nyň 1990-njy ýyldaky Kopengagen resminamasynyň 8-nji bendinde “Gatnaşyjy Döwletleriň daşary ýurt we içerki synçylaryň bolmagy saýlawlar geçirilýän döwletler üçin saýlaw işini gowulandyryp biler diýip hasap edýärler” diýlip, görkezilen. Şonuň üçin olar ÝHHG-nyň islendik beýleki gatnaşyjy Döwletlerinden we muny etmäge, milli saýlawlaryň barşyna kanunda rugsat berlişine görä synlamaga isleg bildirip biljek islendik degişli hususy edaralardan we guramalardan synçylary çagyrýarlar. Olar, şeýle-de, milli derejeden pesde geçirilýän saýlaw işine birmeňzeş elýeterliligi üpjün etmäge ymtylýarlar. Şular ýaly synçylar saýlaw işiniň barşyna gatyşmazlyga borçlanýarlar».

68 Wenesiýa toparynyň 2002-nji ýyldaky Laýyk teribesiniň kodeskiniň II.3.2.b. bendinde “syn etmegiň saýlawlar gününiň özi bilen çäklendirilmän, dalaşgärleri we, eger-de zerur bolsa, saýlawçylary bellige almak döwrüni, şeýle-de saýlaw möwsümini öz içine almalydygyny” maslahat berýär. Ol saýlawlardan öň, saýlawlar wagtynda ýa-da soň bozulmalaryň bolandygyny ýa-da bolmandygyny kesgitlemäge mümkinçilik bermelidir. Bu şert sesler sanalýan wagtynda hemişe mümkin bolmalydyr”.

MST-nyň maglumatlaryna görä, takmynan 85 sany, şol sanda Garaşsyz Döwletleriň Arakalaşygyndan (GDA) 37 sany, Şanhaý Hyzmatdaşlyk Guramasyndan – 15 sany we Türki Döwletleriň Guramasynyň we Yslam Hyzmatdaşlyk Guramasynyň her haýsyndan – 3 sany halkara synçylar resmi taýdan bellige alyndylar. Halkara synçylaryň bolmagy – milli KHBS tarapyndan prosesiň talaba laýyk geçirilmegi babatda halkara bileleşiginiň ynamynyň barlygynyň alamaty hökmünde baha berlen.

Kanun synçylaryň garaşsyzlygyny kepillendirýän hem bolsa, DIAHE-nyň SBBM özüniň käbir duşuşuklaryny, esasan hem döwlet edaralarynyň wekilleri bilen gurnamakda DIM-a bil baglamaly boldy.[69] Beren ýüz-tutmasyna garamazdan DIAHE-nyň SBBM MST-dan maglumatlary hemişe diýen ýaly alyp bilmeýärdi, we söhbetdeşler bilen saýlaw administrasiýasyndaky käbir duşuşyklarda ýanlarynda MST-nyň wekili bolýardy. MST-nyň wekili käwagt bu söhbetdeşlige, hususan-da, haçan-da aşakda durýan toparlardan bolan söhbetdeşler soraglara jogap berip bilmänlerinde ýa-da nädogry jogap berenlerinde işjeň gatyşýardy.[70] Şular ýaly ýagdaýlar olaryň taýýarlyk derejesine SBBM-yň baha bermegini hemişe ýeňilleşdirip baranokdy.

*ÝHHG-nyň 1990-njy ýyldaky Kopengagen resminamasynyň 8-nji bendine laýyklykda öz üçstüne alan borçnamalaryna laýyklykda, häkimiýetler halkara synçylaryna saýlaw işiniň ähli gatnaşyjylaryna we onuň ähli böleklerine garaşsyz elýeterliligi üpjün etmelidirler.*

## XIII. SAÝLAWLAR GÜNI

DIAHE-nyň usulyýetine laýyklykda, DIAHE-nyň SBBM ses berlen güni saýlawlaryň barşyna hemmetaraplaýyn we yzygiderli syn etmedi. Emma öňünden ses berlen wagty we saýlawlar güni missiýanyň agzalary Aşgabatda we Ahal welaýatynda saýlaw uçastoklarynyň çäkli sanyna baryp gördi.

### A. ÖŇÜNDEN SES BERMEK WE SES BERMEK

Saýlawçylar saýlawlar gününe çenli on gün galandan başlap, saýlawdan öň ses berip bilýärler.[71] Hatda bu resmi talap bolup durmaýan hem bolsa, käbir UST-lary DIAHE-nyň SBBM-a özleriniň saýlawçylardan saýlawlardan öň gatnaşmaklarynyň zerurlygyny esaslandyrmagy sorandyklaryny habar berdiler. MST-nyň maglumatlaryna görä, saýlawçylaryň takmynan 5,1% saýlawlardan öň ses berdiler. Käbir halatlarda saýlawlardan öň ses berlen wagty DIAHE-nyň SBBM-nyň baryp gören saýlaw uçastoklary, saýlawlardan öň ses bermek üçin gutylarda byulletenleriň barlygyna garamazdan, saýlawçylaryň gollary goýlan saýlawçylaryň sanawyny görkezip bilmediler. Ýaşyryn materiallaryň gije-gündiz saklanylmagy düzgünleşdirilmeýär.

Öýlerinde bolýan saýlawçylaryň esaslandyrylan haýyşy boýunça göçme ses bermeklik gurnalyp bilner. Aşgabatda DIAHE-nyň SBBM tarapyndan barlyp görlen saýlaw uçastoklarynyň çäkli sany gowy enjamlaşdyrylan, ýeterlik meýdana eýe bolan we, esasan, saýlawçylaryň sanawy we dalaşgärleriň terjimehallarynyň ündewsuratlary bolan.[72] Saýlawçylaryň uly toparlary hiç ýerde synlanmady, diňe

---

69 Saýlaw kodeksiniň 6.5-nji maddasy “halkara synçylarynyň öz işlerini özbaşdak we garaşsyz amala aşyrýandyklaryny” göz öňünde tutýar.

70 Wenesiýa toparynyň 2002-nji ýyldaky Laýyk tejribesiniň kodeksiniň Düşündiriji hasabatynyň 89-njy we 90-njy bentlerinde “halkara synçylaryň saýlawlaryň kanunylygyny tarapgöýsüz barlamagyň durnukly däbine eýe bolmadyk döwletlerde ilkinji derejeli orny eýeleýärler” we “kada bolşy ýaly, halkara we milli synçylaryň ähli gatnaşyjylar bilen sorag-jogap alyşmaga, ýazgylary etmäge we öz guramasyna hasabat bermäge mümkinçiligi bolmalydyr” diýip, aýdylýar.

71 Öňünden ses bermek on günüň dowamynda her gün 8:00-dan 18:00-a çenli geçirilýär, şunda ses bermekligi UST-yň ikiden az bolmadyk agzasy geçirýär.

72 Ähli halatlarda barlyp görlen saýlaw uçastoklarynda okrug derejesindäki saýlawlara bagyşlanan wagyzsuratlary ýokdy.

ýokary okuw mekdeplerinde talaba laýyk egin-başly talyplar saýlaw uçastoklarynyň açylmazynyň öň ýanynda hatara goýlan.

Saýlaw býulletenlerinde DIAHE-nyň ozal maslahat berşi ýaly, galplaşdyrmakdan goraýan şekil, UST-nyň başlygynyň möhüri we goly ýaly käbir gorag elementleriniň bolmagy oňyn ýagdaýdyr.[73] Adaty we saýlawdan öň ses bermek üçin gutylaryň içi görünýär, göçme ses bermek üçin gutylaryň içi görünmeýär. Synlanylýan halatlaryň aglabasynda gutylaryň ählisi rugsatsyz açylmagyndan goralmadyk kagyz beklegiç, we howpsuzlyk belgisiz plastik beklegiç bilen möhürlenen. Käbir halatlarda öz çäginde saýlaw uçastoklary ýerleşdirilen edaralaryň ýolbaşçylary UST-laryň agzalary bolmazdan, öz tabynlygyndakylara gözegçiligi amala aşyrýardylar ýa-da ses berilmegine ýolbaşçylyk edýärdiler.

DIAHE-nyň SBBM-nyň baryp gören saýlaw uçastoklarynyň aglabasynyň içine hereketleri çäkli saýlawçylaryň girip bilmekleri üçin şert döredilmändir.[74] Öýde ses bermek mümkinçiligi tüýs ýerlikli çözgüt däldir we mümkinçilikleri çäkli saýlawçylaryň yzygiderli talabalaýyk gatnaşmagyny üpjün etmek üçin, has köp tagalla etmek zerurdyr. Görüşi bozulan saýlawçylar üçin Braýlyň elipbiýindäki nusgalar ýokdy. Hat-da, MST-nyň olar bilen işlemekde tejribesiniň eýýäm bardygyny tassyklamagyna garamazdan, ol saýlawçylara düşündirmek üçin yşaratlaryň dilini ulanmak ýaly paýhasly serişdeleriň beýleki görnüşlerini bilmeýärdi.

*Ähli saýlawçylaryň deň we ählumumy gatnaşygyny üpjün etmek üçin, häkimiýetler we saýlaw adminstrasiýasy mümkinçiligi çäkli adamlar üçin guramalar bilen ýakyn hyzmatdaşlykda, mümkinçiligi çäkli adamlaryň, şol sanda hereketleri çäkli, görüş we eşidiş bozulmalary, intellektual ýa-da psihososial bozulmalary bolan saýlawçylaryň ses bermegiň ähli tapgyrlaryna gatnaşmaga mümkinçiligi bolar ýaly ylalaşykly tagallalary etmelidirler.*

Synlanan saýlaw uçastoklarynyň çäkli sanynda DIAHE-nyň SBBM-sy býulletenleri ýörite daşyndan taşlanmagynyň we gatnaşyk baradaky yglan edilen maglumatlaryň laýyk gelmezliginiň köp sanly alamatlaryny belledi. Hususan-da, saýlawçylaryň sanawynda birmeňzeş gollaryň bolmagyna, sanawlaryndaky saýlawçylaryň gollarynyň degişli UST-laryň yglan eden jemi gatnaşykdan ep-esli aşak bolmagyna, käbir halatlarda bolsa, ses bermek üçin gutularyň içindäki saýlaw býulletenleriň sanynyň gatnaşygyň diýseň pes derejesini görkezýändigine agzalan alamatlaryň hatarynda syn edildi. Maşgala ses bermek we başga adamyň ýerine ses bermek, megerem, bu ýerde giňden ýaýran tejribedir: barlyp görlen saýlaw uçastoklarynda saýlawçylaryň ýanynda birnäçe saýlawçynyň çakylyklaryny we/ýa-da şahsyýeti tassyklaýan resminamalary bolan käbir halatlary synlandy.

*Saýlaw prosesiniň talaba laýyklygyny ýokarlandyrmak maksady bilen, häkimiýetler we saýlaw administrasiýasy maşgala ses berişligi we başga adamyň ýerine ses bermegiň giňden ýaýran tejribesini aradan aýyrmak boýunça çäreleri görmelidirler, şeýle-de, býulletenleriň ýörite taşlanmagynyň we saýlawçylaryň gatnaşygynyň manipulýasiýa edilmeginiň öňüni almak üçin kepillikleri we okuwlary girizmelidirler. Saýlaw kanunçylygyny bozýan ähli şahslar we bozulmalara gatnaşan saýlaw toparlarynyň agzalary jogapkärçilige çekilmelidirler.*

## B. SESLERI SANAMAK, JEMLERI JEMLEMEK WE NETIJELERI YGLAN ETMEK

Kanunçylyk binýadynyň synçylara saýlaw gününde işiň ähli tapgyrlaryna elýeterlilik berýändigine garamazdan, käbir saýlaw uçastoklarynda DIAHE-nyň SBBM-sy sesleriň sanalýan ýerleriniň elýeterli

---

[73] Tejribede synlanan agzalan jähetler ne kanunçylykda, ne-de MST-nyň kadalaşdyryjy namalarynda we/ýa-da çözgütlerinde berkidilen.

[74] 2006-njy ýyldaky MHK-nyň 9-njy maddasy Döwletleriň mümkinçiligi çäkli adamlara elýeterliligi "beýlekiler bilen deň esaslarda" üpjün etmek üçin degişli çäreleri görmelidiklerini belleýär, 29-njy maddasy bolsa, ses bermek üçin prosesleri, binalary we materiallary düşünmek we ulanmak üçin laýyk, elýeterli we ýönekeý bolmagyny" üpjün etmäge çagyrýar.

bolmagynda päsgelçilikler bilen ýüzbe-ýüz boldy. Bir ýagdaýda synçylardan ilkibaşda sesleriň sanalýan ýerini taşlap gitmekligi haýyş etdiler, haçan-da olary dolanmaga çagyranlarynda, olar ses bermek üçin gutylaryň galplaşdyrylandygynyň subutnamalaryny ýüze çykardylar. Beýleki bir ýagdaýda ahyrky netijede elýeterlilige rugsat hem berdiler, emma işiň barşyny synlamaga päsgelçilik döretmäge synanyşyklar edildi.

Saýlaw uçastoklaryň çäkli sanynda sesleriň sanalýan wagtynda DIAHE-nyň SBBM işiň barşynda köp sanly düzgün bozulmalary bellediler. UST-laryň agzalary ses bermek üçin gutylary açdylar we ähli kanunda göz öňünde tutulan, ýagny ulanylmadyk býulletenleri hasaplamak we güýjüni ýitiren diýip bilmek ýaly wezipeleri ýerine ýetirmezden, sesleri sanamaga başladylar. Birnäçe halatlarda gutylardan çykarylan býulletenleriň desseleriniň üstüne köp sanly boş we bellenen býulletenler goşulýardy. DIAHE-nyň SBBM-nyň synlan saýlaw uçastoklarynyň birinde ses bermek üçin göçme gutyda öýde ses bermäge sargyt eden saýlawçylaryň sanawynda bellenen saýlawçylara garanyňda, iki esse köp býulletenler bolan. Býulletenleriň hakykylygyny kesgitlemek we sesleri sanamak býulletenleriň mazmunyny yglan etmezden ýa-da görkezmezden UST-laryň aýratyn agzalary tarapyndan birwagtda geçirildi. Maglumatlar düzgüne laýyklykda deňeşdirilmedi, teswirnamalarda ýalňyşlyklar girizilýärdi. Teswirnamalar ümsümlikde düzülýärdi, we olaryň nusgalary DIAHE-nyň SBBM-nyň synçylaryna berilmeýärdi. Düzgüniň ýoklugynyň netijesinde materiallary gaplamaklyk howlukmaç, howul-hara we tutuk geçirilýärdi.

DIAHE-nyň SBBM-sy ses bermegiň jemleriniň jemlenilişine syn etmedi. Bir ýagdaýda UST-yň teswirnamasy we Mejlise saýlawlaryň materiallary OST-a däl-de, EST-a berildi. Başga bir ýagdaýda OST ýapyk bolup, jemleriň jemlenmegini syn etmek mümkin bolmady. Jemleri jemlemegiň bellenen düzgüniniň ýoklugy DIAHE-nyň SBBM-sy tarapyndan baha bermekligi geçirmäge mümkinçilik bermedi. Saýlawlar gününden soň barlyp görlen OST-laryň jaýynda jemleriň jemlenmeginiň teswirnamalary asylmandyr.

*Hakyky netijeleri anyklamak üçin, UST-larynyň ähli agzalary sesleri ýapmak we sanamak prosesi boýunça giňişleýin okuwlary geçmelidirler. Ses bermegiň jemlerini jemlemek düzgünini işläp taýýarlamak we ornaşdyrmak hem-de aşaky derejedäki saýlaw toparlarynyň ähli agzalarynyň degişli taýýarlyk okuwyny geçirmek zerurdyr. Işiň aýanlygyny we tertipleşdirilmegini üpjün etmek üçin, şeýle-de saýlawlaryň netijeleri saýlawçylaryň erkini takyk şöhlelendirer ýaly ylalaşykly tagallalary etmek zerurdyr.*

29-njy martda MST-nyň mejlisi bolup, onda kanunda bellenen möhletde gutarnykly netijeler tassyklandy. Beren ýüz-tutmalaryna garamazdan, DIAHE-nyň SBBM-na bu mejlisi synlamaga rugsat berilmedi. Öňdebaryjy tejribä we DIAHE-nyň ozalky maslahatlaryna garamazdan, netijeler saýlaw uçastoklary boýunça bölünmedi. MST gatnaşygyň 91,12% bolandygyny, ýeňijileriň bolsa, birinji aýlawda 125 sany saýlaw okruglaryň ählisinde belli bolandygyny yglan etdi. Netijeler MST-nyň web-sahypasynda olar neşir edilýän KHBS-de çykandan soňra ýerleşdirildi.[75]

## XIV. MASLAHATLAR

Mazmunyň başyndan beýan edilýän bu maslahatlar Türkmenistanda saýlawlaryň geçirilmegini mundan beýläk gowulandyrmak we olary ÝHHG-nyň borçnamalaryna we beýleki halkara borçnamalaryna hem-de demokratik saýlawlaryň ülňülerine doly laýyk getirmek boýunça tagallalary goldamak maksady bilen hödürlenýär. Bu maslahatlar DIAHe-nyň entek ýerine ýetirilmedik ozalky maslahatlary bilen bitewilikde garalmaga degişlidir. DIAHE Türkmenistanyň häkimiýetlerine saýlaw prosesini mundan

[75] Ne şol, ne-de beýleki halatda maglumat dalaşgäriň hödürleýän guramasyna degişliligini (ýa-da syýasy partiýadaky agzalygyny) görkezmeýär.

beýläk kämilleşdirmekde we şu hem-de ozalky hasabatlarda beýan edilen maslahatlary ýerine ýetirmekde ýardam etmäge taýýardyr.[76]

## A. ILERI TUTULÝAN MASLAHATLAR

1. Saýlaw prosesiniň talaba laýyklygyny ýokarlandyrmak maksady bilen, häkimiýetler we saýlaw administrasiýasy maşgala ses berişligi we başga adamyň ýerine ses bermegiň giňden ýaýran tejribesini aradan aýyrmak boýunça çäreleri görmelidirler, şeýle-de byulletenleriň ýörite taşlanmagynyň we saýlawçylaryň gatnaşygynyň manipulýasiýa edilmeginiň öňüni almak üçin kepillikleri we okuwlary girizmelidirler. Saýlaw kanunçylygyny bozýan ähli şahslar we bozulmalara gatnaşan saýlaw toparlarynyň agzalary jogapkärçilige çekilmelidirler.

2. Hakyky netijeleri anyklamak üçin UST-larynyň ähli agzalary sesleri ýapmak we sanamak prosesi boýunça giňişleýin sapaklary geçmelidirler. Ses bermegiň jemlerini jemlemek düzgünini işläp taýýarlamak we ornaşdyrmak hem-de aşaky derejedäki saýlaw toparlarynyň ähli agzalarynyň degişli taýýarlyk okuwyny geçirmek zerurdyr. Işiň barşynyň aýanlygyny we tertipleşdirilmegini üpjün etmek üçin, şeýle-de netijeler saýlawçylaryň erkini takyk şöhlelendirer ýaly, ylalaşykly tagallalary etmek zerurdyr.

3. Saýlawçylara çynlakaý syýasy alternatiwalary bermek we saýlaw prosesini demokratik ülňülere we borçnamalara laýyk getirmek üçin, syýasy partiýalar we dalaşgärler özleriniň möwsüm çärelerini gurnamaklarynda azatlyga eýe bolmalydyrlar, syýasy mahabata bolsa, has giňden rugsat berilmelidir. Möwsüm plýuralistik bolmalydyr we ÝHHG-nyň 1990-njy ýyldaky Kopengagen resminamasynyň 5.4 bendiniň talap edişi ýaly, Döwletiň we saýlawlardaky dalaşgärleriň arasynda takyk bölünişigi şöhlelendirmelidir.

4. Raýatlaryň tarapgöýsiz, obýektiw we seljerilen maglumata elýeterliligini üpjün etmek üçin, KHBS öz redaksion syýasatyny durmuşa geçirmekde erkin bolmalydyrlar. KHBS garaýyşlaryň has giň spektrini göz öňüne tutar ýaly, has täsirli maglumat-habarlar giňişligini emele getirmäge ýykgyn etmek zerurdyr.

5. Saýlaw toparlarynyň ähli derejelerde hökümetden garaşsyzlygynyň kepilliklerini girizmek gerek. Saýlaw toparlarynyň garaşsyzlygyny goramak üçin, olaryň düzümi özleriniň iş edaralaryndaky hünär iýerarhiýasyny şöhlelendirmeli däldir. Saýlaw administrasiýasynyň ähli derejelerinde gender deňagramlygyny gowulandyrmagyň mehanizmine garamak zerurdyr.

6. Takyklygy we halkara tejribesine laýyklygy üpjün etmek maksady bilen, häkimiýetler saýlawçylaryň hemişelik we merkezleşdirilen döwlet sanawyny girizmek hakyndaky meselä garamalydyrlar. Ol saýlawlaryň öň ýanynda yzygiderli täzelenip durmalydyr.

---

[76] ÝHHG-nyň 1999-njy ýyldaky Stambul resminamasynyň 25-nji bendinde ÝHHG-na gatnaşyjy Döwletler "DIAHE-nyň saýlawlar boýunça baha bermegini we maslahatlaryny haýal etmän ýerine ýetirmäge" borçlandylar. Ozalky maslahatlaryň ýerine ýetirilmegi DIAHE-nyň SHT-y (Saýlawlar boýunça hünärmenler Topary) tarapyndan özüniň mandatynyň çäklerinde şu görnüşde baha berilýär: DIAHE-nyň 2018-nji ýyldaky Parlament saýlawlary boýunça Jemleýji hasabatyndan 6, 7, 9 we 15 belgili hem-de DIAHE-nyň 2017-nji ýyldaky Prezident saýlawlary boýunça Jemleýji hasabatyndan 4, 12, 13, 15, 24, 25 we 26 belgili maslahatlary bölekleýin ýerine ýetirildi. DIAHE-nyň 2017-nji ýyl boýunça Jemleýji hasabatyndan 22-nji maslahat doly ýerine ýetirildi. Şeýle-de, DIAHE-nyň saýlawlar boýunça maglumatlar binýadyna ser.

## B. Beýleki Maslahatlar

### Saýlaw ulgamy we hukuk binýady

7. Öňdebaryjy halkara tejribesine laýyklykda, saçlaw okruglarynyň çäkleri saýlawlara çenli bir ýyldan az bolmadyk möhletde kesgitlenmelidir.

8. Saýlaw hukuk binýady indiki saýlawlara çenli ony halkara ülňülerine we borçnamalaryna laýyk getirmek, konstitusion taýdan goralan hukuklary we azatlyklary kepillendirmek, ýetmezçilikleri we iki manylygy aradan aýyrmak, şeýle-de DIAHE-nyň ozalky maslahatlaryny ýerine ýetirmek üçin, giňden gatnaşylmagy arkaly we maslahatlaşmalaryň barşynda gaýtadan seredilmelidir.

9. Aýanlygy ýokarlandyrmak we jemgyýetçiligiň gyzyklanmasyny döredýän maglumatlaryň elýeterliligine bolan hukugy üpjün etmek üçin, ulanylýan kadalaşdyryjy hukuk we kanunçylyk namalary ähli gyzyklanýan taraplara elýeterli görnüşde onlaýn tertipde berilmelidir.

### Saýlaw işini dolandyrmak

10. Saýlaw işini dolandyrmagyň aýanlygyny ýokarlandyrmak maksady bilen, ähli toparlaryň mejlisleri ähli gyzyklanýan taraplar, şol sanda, synçylar üçin hem elýeterli bolmalydyr. Senenamalar, gün tertipler, MST-nyň mejlisleriniň teswirnamalary we beýleki degişli maglumatlar açyk elýeterlilikde öz wagtynda ýerleşdirilmelidir.

### Saýlawçylary bellige almak

11. Azatlykdan mahrum etmek görnüşindäki jezany çekýän raýatlaryň we ruhy taýdan bozulmalary bolan adamlaryň saýlaw hukuklarynyň çäklendirilmegine halkara borçnamalaryna laýyklykda gaýtadan seredilmelidir.

12. Birnäçe gezek ses berilmeginden goramak üçin, saýlawçylaryň saýlawlar gününde saýlaw uçastoklarynda bellige alynmak mümkinçiligini aradan aýyrmak hakynda meselä garamak gerek. Saýlawçylaryň sanawyny ýapmagyň kanunçylykda bellenen möhletini girizmek mümkin, şunda goşmaça ýazgylaryň girizilmegine diňe anyk kesgitlenen kanunçylyk talaplaryna laýyklykda we kazyýet gözegçiligi astynda ýol berilýär.

### Dalaşgärleriň bellige alynmagy

13. Aýrylmadyk ýa-da öz-özünden aýrylmadyk iş kesilen aýby bolan, şeýle-de, ýurtda 10 ýyldan az ýaşaýan raýatlary hödürlemäge bolan hukugyň çäklendirilmegine gaýtadan seretmeli we halkara ülňülerine laýyk getirilmeli.

14. Saýlawlara deň gatnaşmak ýörelgesini durmuşa geçirmek üçin, zenan dalaşgärleri hödürlemek boýunça çäreleri görmek zerurdyr. Syýasy partiýalar inklýuziwligi üpjün etmek boýunça, şol sanda zenan dalaşgärleri hödürlemegiň hökmany düzgünlerini kabul etmek arkaly öz tagallalaryny işjeňleşdirip bilerler.

### Saýlaw möwsümini maliýeleşdirmek

15. Hasabatlylygy we aýdyňlygy üpjün etmek üçin, saýlaw möwsüminiň maliýeleşdirilmegini düzgünleşdirýän ulgama gaýtadan seretmek we üstüni ýetirmek zerurdyr. Saýlaw möwsümini maliýeleşdirmekligi gönüden-göni dalaşgärlere bermek we syýasy partiýalary öz möwsümlerini maliýeleşdirmäge höweslendirmek mümkinçiligine garamak gerek. Öňdebaryjy halkara tejribesine laýyklykda, saýlaw möwsümini geçirmäge pullaryň bagyş edilmegini, şol sanda üçünji

şahslar tarapyndan pullaryň bagyş edilmegini hem-de hususy we döwlet çeşmelerinden natura görnüşinde bagyş etmeleri, çykdaýjylary, maglumatlaryň aýan edilmegini, hasabatlylygy we gözegçiligi düzgünleşdirýän düzgünleri işläp taýýarlamak gerek.

**KHBS**

16. Halkara ülňülerine laýyklykda, at-abraýa ýetirilen zyýany dikeltmäge gönükdirilen barabar raýat-hukuk sanksiýalaryny girizip, Prezidentiň we döwlet wezipeli işgärleriniň metbugatda paş edilmegi we dil ýetirilmegi üçin jenaýat jogapkärçiligini ýatyrmaly.

17. KHBS-nyň işini düzgünleşdirmek boýunça garaşsyz edarany döretmek we oňa saýlawlar döwründe KHBS-nyň özüni alyp barmagyna gözegçiligi amala aşyrmagy tabşyrmak zerurdyr.

**Nägilelikler we şikaýat**

18. Hukuk taýdan aýdyňlygy üpjün etmek üçin, saýlawlar bilen baglanyşykly şikaýatlara we apellýasiýalara garalmagyna jogapkär edaralaryň, şol sanda kazyýetleriň we saýlaw administrasiýasynyň ýurisdiksiýasynyň gaýtalanmagyny aradan aýyrmak maksady bilen, kanunçylyk binýadyna üýtgetmeleri girizmek zerurdyr. Jogapkärçilik çygyrlary we institusional iýerarhiýa ähli gyzyklanýan taraplaryň dykgatyna anyk ýetirilmelidir.

**Raýat we halkara synçylary**

19. ÝHHG-nyň 1990-njy ýyldaky Kopengagen resminamasynyň 8-nji bendine laýyklykda, kabul edilen borçnamalara laýyklykda, häkimiýetler halkara synçylaryna saýlaw işiniň ähli gatnaşyjylaryna we onuň ähli böleklerine garaşsyz elýeterliligi üpjün etmelidirler.

**Saýlawlar güni**

20. Ähli saýlawçylaryň deň we ählumumy gatnaşygyny üpjün etmek üçin, häkimiýetler we saýlaw edaralary mümkinçiligi çäkli adamlar üçin guramalar bilen ýakyn hyzmatdaşlykda, mümkinçiligi çäkli adamlara, şol sanda hereketleri çäkli, görüş we eşidiş, intellektual ýa-da psihososial bozulmalary bolan saýlawçylara ses bermegiň ähli tapgyrlaryna gatnaşmaga mümkinçiligi üpjün etmek üçin, ylalaşykly tagallalary etmelidirler.

## GOŞUNDY: GUTARNYKLY NETIJELER

| **Saýlaw okrugy** (№ we ady) | **Saýlanylan dalaşgär** | **Sesleriň umumy sany** | **Dalaşgär üçin sesler** | **Göterimlerde** |
|---|---|---|---|---|
| 1 Garaşsyzlyk | Kasymguly Babaýew | 27,668 | 24,503 | 88.56 |
| 2 Bitaraplyk | Begmyrat Muhamedow | 27,580 | 17,480 | 63.38 |
| 3 Azatlyk | Jennet Öwekowa | 27,599 | 16,759 | 60.75 |
| 4 Berkararlyk | Saparmyrat Owganow | 27,016 | 20,024 | 74.12 |
| 5 Parahatçylyk | Dünýägözel Gulmanowa | 24,474 | 15,158 | 62.04 |
| 6 Köpetdag | Çarygeldi Babanyýazow | 25,956 | 15,585 | 60.07 |
| 7 Güneş | Guwançmyrat Agaýew | 16,968 | 11,728 | 69.47 |
| 8 Dostluk | Gurbanmyrat Görmekow | 23,886 | 13,374 | 56.06 |
| 9 Älem | Batyr Baýlyýew | 25,103 | 14,409 | 57.40 |
| 10 Arçabil | Serdar Durdyýew | 25,849 | 17,854 | 69.07 |
| 11 Bagtyýarlyk | Baýramgözel Myradowa | 25,288 | 15,435 | 61.05 |
| 12 Aşgabat | Jeren Geldiýewa | 25,174 | 13,307 | 52.86 |
| 13 Köşi | Azat Seýdibaýew | 24,609 | 15,489 | 63.17 |
| 14 Ruhabat | Döwranguly Mämmedow | 25343 | 13,692 | 54.06 |
| 15 Büzmeýin | Akmämmet Annamanow | 23,572 | 13,680 | 58.17 |
| 16 Gökje | Sahyberdi Japarow | 25,328 | 12,923 | 51.16 |
| 17 Galkynyş | Çemen Rejepowa | 26,262 | 15,519 | 59.28 |
| 18 Bäherden | Maksatberdi Gurbanow | 23,880 | 14,376 | 60.23 |
| 19 Gökdepe | Resul Işangulyýew | 25,710 | 14,397 | 56.18 |
| 20 Yzgant | Kerimguly Geldiýew | 24,702 | 14,578 | 59.03 |
| 21 Derweze | Begençgeldi Baýrammyradow | 25,003 | 13,005 | 52.16 |
| 22 Änew | Annamuhammet Sarjaýew | 24,231 | 13,276 | 54.90 |
| 23 Akbugdaý | Möwlam Öräýew | 25,617 | 17,987 | 70.30 |
| 24 Kaka | Maýa Hojyýewa | 27,087 | 13,910 | 51.50 |
| 25 Duşak | Gurbangözel Muhammedowa | 26,416 | 14,233 | 53.91 |
| 26 Tejen | Enejan Ataýewa | 26,605 | 14,429 | 54.33 |
| 27 Agalan | Serdar Begmyradow | 26,516 | 14,164 | 53.47 |
| 28 Göniamaşa | Gaýypgeldi Sähedow | 26,114 | 13,336 | 51.11 |
| 29 Babadaýhan | Orazgeldi Akgaýew | 24,458 | 12,670 | 51.82 |
| 30 Altyn Asyr | Aýsoltan Şamyradowa | 27,810 | 14,613 | 52.58 |
| 31 Saragt | Gurbangeldi Aşyrow | 27,745 | 14,734 | 53.30 |
| 32 Arçman | Ogulmaral Hojaýewa | 28,006 | 15,482 | 55.44 |
| 33 Ahal | Ata Serdarow | 25,510 | 20,261 | 79.42 |
| 34 Daşarbat | Meňli Diwanowa | 26,787 | 16,125 | 60.27 |
| 35 Awaza | Eziz Matdyýew | 28,108 | 14,426 | 51.43 |
| 36 Türkmenbaşy | Annabagt Maýewa | 27,461 | 153,74 | 56.00 |
| 37 Bereket | Tuwakgylyç Weliýew | 23,788 | 12,419 | 52.27 |
| 38 Esenguly | Muhammetberdi Geldimämmedow | 26,077 | 13,974 | 53.85 |
| 39 Gyzylarbat | Wezirgeldi Aşyrow | 25,891 | 14,512 | 56.19 |
| 40 Magtymguly | Şemşat Mämiýewa | 26,377 | 13,848 | 52.79 |
| 41 Gumdag | Baýrammyrat Hajymämmedow | 28,746 | 17,711 | 61.66 |
| 42 Balkan | Guwanç Çendirow | 24,906 | 14,745 | 59.27 |
| 43 Balkanabat | Ýazpolat Keriýew | 26,103 | 17,544 | 67.46 |
| 44 Altyn Ýol | Jeren Gylyçmyradowa | 24,930 | 13,262 | 53.38 |

| | | | | |
|---|---|---|---|---|
| 45 Diýar | Serdar Arazow | 25,009 | 14,008 | 56.18 |
| 46 Akdepe | Ýakup Atabaýew | 25,411 | 13,315 | 52.43 |
| 47 Nowruz | Maksat Otuzow | 25,061 | 13,359 | 53.38 |
| 48 Rowaçlyk | Atamyrat Hanjanow | 24,746 | 13,857 | 56.29 |
| 49 Boldumsaz | Aşyr Toýlyýew | 24,642 | 13,331 | 54.25 |
| 50 Görogly | Merdan Tuwakow | 26,352 | 18,628 | 70.83 |
| 51 Yzmykir | Atageldi Musaýew | 25,177 | 15,360 | 61.28 |
| 52 Aksaraý | Baýly Seýilow | 24,990 | 17,093 | 68.82 |
| 53 Gubadag | Gurbangylyç Durdyýew | 25,248 | 14,416 | 57.31 |
| 54 Baýdak | Aýgözel Gutlyýewa | 25,437 | 13,995 | 55.42 |
| 55 Dessan | Aýnabat Toýlyýewa | 23,892 | 13,850 | 58.09 |
| 56 Täze zaman | Mähriban Kurambaýewa | 25,249 | 13,864 | 55.19 |
| 57 Agzybirlik | Şatlyk Gurbandurdyýew | 24,691 | 13,164 | 53.33 |
| 58 Köneürgenç | Jumamyrat Gerow | 25,505 | 15,140 | 59.43 |
| 59 Derýalyk | Maýsa Jumaýewa | 25,071 | 15,092 | 60.59 |
| 60 Gürgenç | Baýmyrat Babaýew | 25,370 | 17,835 | 70.54 |
| 61 Bossan | Enejan Amannyýazowa | 24,300 | 15,066 | 62.00 |
| 62 S.Rozmetow | Kakamämmet Nepesow | 24,447 | 12,700 | 52.10 |
| 63 Nowbahar | Ýeňiş Haýytjanow | 24,889 | 13,700 | 55.22 |
| 64 S.A.Nyýazow | Ogulşat Durdymetowa | 25,525 | 14,574 | 57.19 |
| 65 S.Türkmenbaşy | Amanmyrat Maşalaýew | 25,611 | 14,857 | 58.06 |
| 66 Aýböwür | Nurgeldi Meredow | 25,030 | 14,819 | 59.41 |
| 67 Sarygamyş | Döwran Artykow | 26,103 | 13,592 | 52.08 |
| 68 Ruhubelent | Resul Sadullaýew | 24,404 | 13,275 | 54.56 |
| 69 Daşoguz | Serdar Gaýypow | 25,701 | 15,214 | 59.38 |
| 70 Şabat | Arazmyrat Hangeldiýew | 25,347 | 15,727 | 62.42 |
| 71 Dänew | Laçyn Haýdarowa | 25,310 | 14,452 | 57.49 |
| 72 Asuda | Allaýar Omarow | 25,866 | 13,269 | 51.51 |
| 73 Hojagala | Merdan Dosmedow | 26,234 | 16,269 | 62.16 |
| 74 Amyderýa | Serdar Ýumitow | 26,323 | 14,730 | 56.21 |
| 75 Zergär | Jahan Ýarowa | 24,699 | 13,338 | 54.48 |
| 76 Çärjew | Babamyrat Jumaýew | 26,820 | 15,581 | 58.21 |
| 77 Farap | Gahryman Rozyýew | 26,185 | 15,317 | 58.72 |
| 78 Jeýhun | Zahid Gasanow | 25,357 | 13,504 | 53.54 |
| 79 Darganata | Bahar Seýidowa | 26,071 | 14,605 | 56.19 |
| 80 Türkmenabat | Atajan Jumadurdyýew | 25,495 | 13,203 | 52.25 |
| 81 Lebap | Bossan Akyýewa | 24,856 | 12,913 | 51.98 |
| 82 Amul | Züleýha Joraýewa | 25,036 | 14,061 | 56.26 |
| 83 Sakar | Bahadur Şadyýew | 26,334 | 13,494 | 51.49 |
| 84 Saýat | Çemen Akyýewa | 25,956 | 15,486 | 59.71 |
| 85 Garabekewül | Baýram Öwlüýägulyýew | 26,359 | 13,717 | 52.22 |
| 86 Pelwert | Baýram Ilow | 24,669 | 13,343 | 54.17 |
| 87 Halaç | Ogulnur Haýydowa | 25,492 | 14,356 | 56.56 |
| 88 Seýdi | Nepes Çaryýew | 25,168 | 12,976 | 51.71 |
| 89 Astanababa | Durdyguly Meredow | 25,566 | 15,616 | 61.49 |
| 90 Kerki | Gadam Hemraýew | 25,372 | 16,319 | 64.48 |
| 91 Ýalkym | Toýly Berkeliýew | 25,707 | 14,758 | 57.48 |
| 92 Hojambaz | Intizar Öwlýagulyýew | 25,657 | 15,694 | 61.19 |
| 93 Döwletli | Amangeldi Hezziýew | 24,272 | 12,927 | 53.40 |
| 94 Köýtendag | Nepes Rozyýew | 25,323 | 14,983 | 59.48 |
| 95 Garlyk | Erkin Allagulyýew | 25,524 | 16,623 | 65.37 |

| | | | | |
|---|---|---|---|---|
| 96 Magdanly | Hatyja Mustakowa | 24,805 | 16,572 | 67.36 |
| 97 Mary | Merdan Omeredow | 26,348 | 14,552 | 55.40 |
| 98 Şapak | Ýusup Annaýew | 26,511 | 13,822 | 52.36 |
| 99 Kemine | Çary Gurbanmyradow | 26,538 | 14,081 | 53.19 |
| 100 Baýramaly | Orazdurdy Abdyýew | 27,022 | 15,205 | 56.31 |
| 101 Oguzhan | Maksat Janmyradow | 26,176 | 14,967 | 57.25 |
| 102 Jemgyýet | Artyk Bäşimow | 23,996 | 14,186 | 59.29 |
| 103 Zarpçy | Bäşim Annagurbanow | 24,785 | 15,882 | 64.40 |
| 104 Peşanaly | Ýusupguly Eşşäýew | 25,428 | 18,323 | 72.30 |
| 105 Türkmenistan | Akmuhammet Begmyradow | 23,902 | 13,394 | 56.11 |
| 106 Wekil | Döwran Hapbaýew | 25,847 | 13,347 | 51.66 |
| 107 Rysgally | Jumamuhammet Şirmämmedow | 26,087 | 15,185 | 58.40 |
| 108 Wekilbazar | Atamyrat Kössekow | 25,505 | 13,538 | 53.53 |
| 109 Sakarçäge | Tirkişmyrat Ýomudow | 25,908 | 13,418 | 51.94 |
| 110 Garaýap | Süleýman Nurymow | 25,485 | 13,043 | 51.22 |
| 111 Çaşgyn | Atamyrat Amandurdyýew | 24,075 | 13,780 | 57.37 |
| 112 Merw | Maral Garagulowa | 25,409 | 14,287 | 56.41 |
| 113 Soltan Sanjar | Kerwen Zyrryýew | 24,635 | 12,859 | 52.25 |
| 114 Mekan | Saparmyrat Çarşakow | 24,730 | 13,646 | 55.25 |
| 115 Garagum | Şirin Baýmyradowa | 26,682 | 15,547 | 58.38 |
| 116 Türkmengala | Senem Berdiýewa | 23,639 | 12,594 | 53.29 |
| 117 Rehnet | Orazgeldi Saparow | 23,708 | 13,610 | 57.57 |
| 118 Ýolöten | Aly Rahmedow | 26,300 | 15,545 | 59.17 |
| 119 Soltanbent | Begenç Gurbangeldiýew | 25,882 | 13,978 | 54.25 |
| 120 Murgap | Aýjemal Allanowa | 25,674 | 15,409 | 60.20 |
| 121 Ylham | Maksat Babanyýazow | 26,049 | 13,821 | 53.34 |
| 122 Miras | Gurbanmyrat Aşyrow | 26,372 | 17,946 | 68.42 |
| 123 Tagtabazar | Arslan Haýydow | 24,499 | 14,280 | 58.54 |
| 124 Pendi | Arslan Çaryýew | 24,633 | 12,841 | 52.48 |
| 125 Serhetabat | Allamyrat Gurbanmyradow | 24,187 | 14,804 | 61.35 |

# DIAHE BARADA

Demokratik institutlar we adam hukuklary boýunça edara (DIAHE) ÝHHG-nyň esasy instituty bolup, ol gatnaşyjy döwletlere "adam hukuklaryna we esasy azatlyklaryna doly hormat goýulmagyny, kanunyň hökmürowanlygynyň berjaý edilmegini, demokratik ýörelgeleriň öňe sürülmegini we (...) demokratik institutlaryň döredilmegini, berkidilmegini we goralmagyny, şeýle-de bütin jemgyýetde tolerantlygy höweslendirmegi üpjün etmekde" ýardam bermeklige çagyrylan (1992-nji ýyldaky Helsinki Sammitiniň resminamasy). Muňa ÝHHG-nyň ynsanperwer ölçegi diýilýär.

Warşawada (Polşa) ýerleşýän DIAHE 1990-njy ýyldaky Pariž Sammitiniň dowamynda Erkin saýlawlar boýunça edara hökmünde döredildi we öz işine 1991-nji ýylyň maý aýynda başlady. Bir ýyldan soňra, adam hukuklaryny we demokratizasiýany öz içine alýan giňişleýin mandaty şöhlelendirmek üçin Edaranyň ady üýtgedilen. Bu gün onda 150-den gowrak işgär zähmet çekýär.

DIAHE **saýlawlaryň geçirilişine syn etmek** çygrynda Ýewropada öňdebaryjy edara bolup durýar. Her ýyl ol ÝHHG-nyň sebitinde saýlawlaryň näderejede ÝHHG-nyň borçnamalaryna, beýleki halkara borçnamalara we demokratik saýlawlaryň ülňülerine, şeýle-de milli kanunçylyga laýyklygyna baha bermek üçin müňlerçe synçylary ibermegi utgaşdyrýar we gurnaýar. Onuň özboluşly usulyýeti saýlaw prosesi barada onuň bitewiligi bilen çuň düşünje almaga mümkinçilik berýär. Ýardam bermek taslamalarynyň çäklerinde DIAHE Gatnaşyjy döwletlere özleriniň saýlaw ulgamyny kämilleşdirmäge kömek berýär.

Edaranyň **demokratizasiýa** çygryndaky alyp barýan işi öz içine şu aşakdaky ugurlary alýar: kanunyň hökmürowanlygy, kanunçylyk goldawy, demokratik dolandyryş, migrasiýa we bir ýerden başga ýere hereket etmegiň erkinligi, şeýle-de, gender deňligi. Her ýyl DIAHE demokratik gurluşlary ösdürmäge gönükdirilen birnäçe maksatlaýyn ýardam maksatnamalaryny durmuşa geçirýär.

DIAHE, şeýle-de, Gatnaşyjy döwletlere ÝHHG-nyň ynsanperwer ölçegleri çygryndaky borçnamalaryna laýyklykda **adam hukuklaryny we esasy azatlyklaryny** ilerletmek we goramak boýunça özleriniň borçnamalaryny ýerine ýetirmeklerinde ýardam berýär. Muňa hyzmatdaşlygy ösdürmek, mümkinçilikleri artdyrmak we terrorçylyga garşy göreşde adam hukuklary, adam söwdasynyň pidalarynyň hukuklarynyň goragyny güýçlendirmek, adam hukuklary çygrynda işgärlere bilim bermek we taýýarlamak, adam hukuklary çygrynda gözegçilik we hasabatlylyk, şeýle-de zenanlaryň hukuklary we howpsuzlygy ýaly mowzuklaýyn çygyrlarda tejribe bilimlerini bermek maksatlarynda dürli hyzmatdaşlar bilen özara hereket etmek arkaly ýetilýär.

**Tolenrantlyk we kemsitmezlik** çygyrlarynda DIAHE Gatnaşyjy döwletlere ýigrenç, ten reňki boýunça kemsitme, ksenofobiýa, antisemitizm we ýigrençligiň beýleki görnüşleri esasynda ýüze çykýan jenaýatlara we hadysalara olaryň täsir etmeklerini güýçlendirmekde goldaw berýär. DIAHE-nyň tolenrantlyk we hukuklary kemsitmezlik çygryndaky işi şu aşakdaky ugurlarda jemlenen: kanunçylyk, hukuk goraýjy edaralar üçin okuwlar; gözegçilik; hasabatlylyk we ýigrenç esasynda ýüze çykýan jenaýatlara we hadysalara jogap ediş hereketleri; şeýle-de tolerantlygy, hormat goýmagy we özara düşünişmegi ösdürmäge gönükdirilen okuw çäreleri.

DIAHE Gatnaşyjy döwletlere **Roma we Sinti** babatynda olaryň syýasatynyň meseleleri boýunça maslahatlary berýär. Ol Roma we Sintiniň jemgyýetleriniň arasynda mümkinçilikleri ýokarlandyrmaga we ulgamlary döretmäge ýardam berýär, şeýle-de Romanyň we Sintiniň wekilleriniň syýasaty durmuşa geçirýän edaralaryň işine gatnaşmaklaryny höweslendirýär.

DIAHE-nyň alyp barýan ähli işleri ÝHHG-na gatnaşyjy döwletler, ÝHHG-nyň institutlary hem-de ýerlerdäki wekilçilikleri bilen, şeýle-de beýleki halkara guramalary bilen ýakyndan utgaşykly we hyzmatdaşlykda amala aşyrylýar.

Has jikme-jik maglumatlar DIAHE-nyň web-sahypasynda (www.osce.org/odihr) ýerleşdirilen.